TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– GARAŞSYZ, HEMIŞELIK BITARAP TÜRKMENISTAN ÖZÜNIŇ TEBIGY BAÝLYKLARYNY TÜRKMEN HALKYNYŇ, ŞEÝLE-DE BEÝLEKI SEBITLERIŇ HALKLARYNYŇ BÄHBIDINE GÖNÜKDIRMÄGE ÇALYŞÝAR WE BU BABATDA NETIJELI IŞLERI AMALA AŞYRÝAR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN

5-nji iýul, 2024. Belgisi 27/1593

# HALKYMYZYŇ ABADAN DURMUŞY ÜPJÜN EDILÝÄR



*3-nji iýulda Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onuň gün tertibine harby we hukuk goraýjy edaralaryň şu ýylyň alty aýynda ýerine ýetiren işleriniň netijeleri, Garaşsyz Watanymyzda howpsuzlygy, parahatçylygy üpjün etmek, harby we hukuk goraýjy edaralaryň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak, olaryň işini mundan beýläk-de kämilleşdirmek bilen baglanyşykly meseleler girizildi.*

Ilki bilen, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri B.Gündogdyýew çykyş edip, şu ýylyň başyndan bäri ýolbaşçylyk edýän düzümleriniň öňünde durýan möhüm wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmek, şol sanda Milli goşunyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek hem-de onuň ähli kysymlarynyň harby gullukçylarynyň nazary bilimlerini, söweşjeň ussatlygyny ýokarlandyrmak maksady bilen görlen çäreler barada hasabat berdi. Şunuň bilen birlikde, nobatdaky harby gulluga çagyryşyň netijeleri, Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň şanly senesi mynasybetli geçiriljek dabaraly harby ýörişe görülýän taýýarlyk barada aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, goranyş häsiýetli Harby doktrinamyza hem-de döwrebap talaplara laýyklykda, Ýaragly Güýçlerimiziň goranyş wezipelerini ýerine ýetirmäge taýýarlygyny, harby gullukçylaryň hünär ussatlygyny has-da ýokarlandyrmagy dowam etdirmegiň möhümdigini belledi. Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministrine ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň 33 ýyllyk baýramy mynasybetli geçiriljek dabaraly harby ýörişe we göz öňünde tutulan beýleki çärelere gowy taýýarlyk görmek, olaryň ýokary derejede geçirilmegini üpjün etmek tabşyryldy.

Baş prokuror B.Muhamedow şu ýylyň birinji ýarymynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, kanunçylyk namalarynyň ýerine ýetirilmegine gözegçilik etmek üçin durmuşa geçirilen toplumlaýyn çäreler barada hasabat berdi. Şeýle hem döwlet Baştutanymyzyň ozal beren tabşyryklarynyň, şol sanda öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyrmak, durmuş häsiýetli meseleleri çözmek baradaky tabşyryklarynyň ýerine ýetirilişi hakynda aýdyldy.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, raýatlarymyzyň hukuklarynyň, jemgyýetiň we döwletiň bähbitleriniň goragynda duran döwlet edarasy hökmünde prokuraturanyň ähmiýetini belledi. Şunda ähli pudaklarda kanunlaryň we hukuk namalarynyň takyk ýerine ýetirilişine berk gözegçilik etmegiň zerurdygyna aýratyn üns çekildi.

Içeri işler ministri M.Hydyrow 2024-nji ýylyň ýanwar–iýun aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, jemgyýetçilik tertibini üpjün etmek, düzgün bozulmalaryň öňüni almak boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi. Şunuň bilen birlikde, ýol gözegçiligi, ýangyn howpsuzlygy düzümleriniň işini kämilleşdirmek, bu gulluklaryň işgärleriniň netijeli gulluk etmegi, göwnejaý ýaşaýyş-durmuşy üçin amatly şertleri döretmek babatda görülýän çäreler barada aýdyldy.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp hem-de Içeri işler ministrliginiň işiniň esasy ugurlaryna ünsi çekip, ýurdumyzda hukuk tertibiniň, kanunylygyň ýokary derejede bolmagynyň, jemgyýetçilik tertibiniň goralmagynyň üpjün edilmeginiň zerurdygyny belledi. Häzirki wagtda tomus möwsüminiň dowam etmegi, howanyň gyzmagy bilen baglylykda, ýangynyň döremegine garşy gözegçilik işlerini alyp barmak tabşyryldy.

Ýokary kazyýetiň başlygy B.Hojamgulyýew ýolbaşçylyk edýän düzüminiň şu ýylyň alty aýynda ýerine ýetiren işleriniň netijeleri, kazyýet işini talabalaýyk guramak üçin görlen çäreler barada hasabat berdi. Şeýle hem degişli ösüş maksatnamasynyň durmuşa geçirilişi, şol sanda sanly ulgamy ornaşdyrmak, bu ugurda öňdebaryjy tejribäni öwrenmek babatda amala aşyrylan işler hakynda aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, kazyýetiň ähli işiniň kanunylygy, adalatlylygy we hukuk tertibini üpjün etmäge gönükdirilendigini belledi hem-de Ýokary kazyýetiň ýolbaşçysyna kazylara kanunçylygy ulanmak boýunça ugrukdyryjy düşündirişleri bermegi, olaryň hünär taýýarlygyny yzygiderli ýokarlandyryp durmagy tabşyrdy.

Soňra milli howpsuzlyk ministri N.Atagaraýew hasabat döwründe alnyp barlan işleriň netijeleri, döwletiň milli bähbitlerini goramak, asudalygy, durnuklylygy üpjün etmek boýunça görlen toplumlaýyn çäreler barada hasabat berdi. Şeýle-de, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysynyň ozal beren tabşyryklarynyň, ministrligiň degişli ösüş maksatnamasynyň ýerine ýetirilişi barada aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, gazanylýan uly üstünlikleriň we ýetilýän belent sepgitleriň ýurdumyzda howpsuzlygy üpjün etmek bilen gönüden-göni baglydygyny nygtady. Döwlet Baştutanymyz Milli howpsuzlyk ministrliginiň üstüne ýüklenen borçlaryň, harby gullukçylaryň öňünde durýan wezipeleriň örän jogapkärlidigine ünsi çekip, degişli görkezmeleri berdi.

Döwlet serhet gullugynyň başlygy Ý.Nuryýew hasabat döwründe ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, ýurdumyzyň serhetleriniň ygtybarly goralmagyny üpjün etmek, serhet galalaryny döwrebaplaşdyrmak, harby gullukçylaryň hünär derejesini ýokarlandyrmak, ýaş esgerleriň harby-watançylyk taýdan terbiýesi boýunça guralýan çäreleriň netijeliligini artdyrmak babatda görlen anyk çäreler barada hasabat berdi. ■ 2

## TÜRKMENISTAN–EÝRAN: GAZ PUDAGYNDA HYZMATDAŞLYK PUGTALANDYRYLÝAR

*1–3-nji iýulda paýtagtymyzda «Türkmengaz» döwlet konserniniň ýolbaşçylarynyň Eýran Yslam Respublikasynyň wekiliýeti bilen duşuşyklary geçirildi. Olaryň dowamynda Türkmenistan bilen Eýranyň arasynda gaz pudagynda alnyp barylýan hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmegiň, hususan-da, türkmen tebigy gazyny swap usuly arkaly EYR-nyň çäginden üstaşyr Yrak Respublikasyna ibermegiň meselelerine garaldy.*

Eýran ýurdumyzyň söwda-ykdysady gatnaşyklary alyp barýan iň möhüm hyzmatdaş ýurtlarynyň biridir. Şunda häzirki zaman talaplaryna laýyklykda, ýangyç-energetika pudagyndaky hyzmatdaşlyk, energiýa serişdeleriniň eksport edilmegi, üstaşyr geçirilmegi babatda gatnaşyklar özara dialogyň ileri tutulýan ugurlarydyr.

Türkmenistan we Eýran Yslam Respublikasy dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk, birek-birege hormat goýmak, deňhukukly hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanyp, köp ýyllaryň dowamynda gaz pudagynda özara bähbitli gatnaşyklary ösdürýärler. Ýangyç-energetika toplumynyň möhüm binýadyny emele getirýän gaz pudagy, şol bir wagtda, ýurdumyzyň umumy senagat önümçiliginiň esasy bölegini düzýär. Häzirki wagtda tebigy gazyň täze gorlaryny gözlemek we özleşdirmek, taýýar önümi ibermäge, saklamaga, gaýtadan işlemäge, uglewodorod serişdelerini sarp edijilere ýetirmäge çenli önümçilikde öňdebaryjy, ýokary öndürijilikli tehnologiýalar netijeli ulanylýar.

Türkmenistan tebigy gazyň gorlary boýunça dünýäde öňdäki orunlaryň birini eýeleýär hem-de Merkezi Aziýa sebitinde gazy daşary ýurtlara iberýän esasy döwletleriň hataryna girýär. Ýurdumyzyň çäk taýdan amatly ýerleşmegi, uglewodorod serişdeleriniň örän baý gorlary olary dürli ugurlar boýunça eksport etmegiň möçberini artdyrmak, ýangyç-energetika pudagynda gyzyklanma bildirýän ähli hyzmatdaşlar, şol sanda Uzak, Orta we Ýakyn Gündogar, Günorta, Günorta-Gündogar Aziýa döwletleri bilen özara bähbitli gatnaşyklary giňeltmek üçin amatly mümkinçilikleri açýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan (TOPH) gaz geçirijisiniň taslamasy ägirt uly geoykdysady ähmiýete eýedir. Bu energetika desgasy diňe bir türkmen gazynyň Günorta Aziýanyň iri döwletlerine uzak möhletleýin esasda iberilmegini üpjün etmek bilen çäklenmän, tutuş sebitiň durmuş-ykdysady ösüşi, sebitde parahatçylygy, durnuklylygy, howpsuzlygy



pugtalandyrmak babatda-da kuwwatly binýat bolar.

Duşuşygyň dowamynda bellenilişi ýaly, Türkmenistan bilen Eýran Yslam Respublikasynyň gaz pudagyndaky bilelikdäki işiniň oňyn tejribesi ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň mümkinçiliklerini artdyrmagyň berk binýadyny emele getirýär. Şunuň bilen baglylykda, bu ugurdaky hyzmatdaşlygy has-da pugtalandyrmak hem-de Eýrana tebigy gazyň goşmaça möçberini ibermek maksady bilen, Türkmenistanyň çäginde uzynlygy 125 kilometr bolan täze gaz geçirijini çekmek we gaz gysyjy desgalaryň 3-sini gurmak işleri ýerine ýetiriler. Munuň özi Döwletabat–Sarahs–Hangeran ugry we «Çaloýuk» gaz ölçeýji bekediniň üsti bilen Eýran ugry boýunça iberilýän tebigy gazyň häzirki möçberini ýylda 40 milliard kub metre çenli artdyrmaga mümkinçilik berer.

Duşuşygyň netijeleri boýunça möhüm ylalaşyk gazanyldy. Hususan-da, türkmen we eýran tarapy her ýylda 10 milliard kub metre çenli tebigy gazy satyn almak-satmak boýunça şertnama gol çekdiler. Resminama laýyklykda, türkmen tebigy gazy swap usulynda Eýran Yslam Respublikasynyň çäginden üstaşyr Yrak Respublikasyna iberiler. Şeýle-de «Türkmengaz» döwlet konserniniň hem-de Eýran Yslam Respublikasynyň Türkmenistandaky ilçihanasynyň arasynda gaz pudagynda hyzmatdaşlygyň meseleleri boýunça türkmen-eýran gepleşikleriniň netijeleri barada Metbugat habarnamasyna gol çekildi.

## ÝAŞLAR – ÝURDUMYZYŇ GELJEGI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýaşlaryň bilimli, ylymly, beden we ruhy taýdan sagdyn, hemmetaraplaýyn kämil, watansöýüji hem-de ynsanperwer şahsyýetler hökmünde kemala gelmegi üçin ähli şertlerdir mümkinçilikler döredilýär. Häzirki wagtda ýaş raýatlaryň konstitusion hukuklaryny, azatlyklaryny üpjün etmek we ony durmuşa geçirmek üçin hukuk, durmuş-ykdysady, guramaçylyk şertlerini, kepilliklerini döretmek maksady bilen, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň baş-



langyjy esasynda tassyklanan «Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň 2021 – 2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynda» hem-de ony amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň meýilnamasynda, şeýle-de Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň VII gurultaýynda hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň gol çekip tassyklan «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň täze rejelenen görnüşinde beýan edilýän wezipeler, «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda hem üstünlikli durmuşa geçirilýär. Muny türkmen ýaşlarynyň durmuşynyň ähli çygyrlarynda üpjün edilen mümkinçilikler doly tassyklaýar. Şunda ýurdumyzda ileri tutulýan ugurlaryň biri hökmünde pudaklaýyn gatnaşyklar bilen sazlaşykly alnyp barylýan ýaşlar baradaky döwlet syýasaty hem oňyn netijeleri we ähmiýetli işleri bilen tapawutlanýar. Ýaş raýatlaryň durmuş goraglylygyndan başlap, olaryň jemgyýetdäki ornuny pugtalandyrmak, ýokary bilimli we hünär taýýarlykly nesli kemala getirmek wezipelerine jogapkärçilikli çemeleşilýär we bu ugurda netijeli çözgütler kabul edilýär. ■ 3

## ŞHG-niň sammiti geçirildi

3-4-nji iýulda Astanada «ŞHG+» görnüşinde 16 ýurduň döwlet we hökümet Baştutanlarynyň gatnaşmagynda Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (ŞHG) sammiti geçirildi. ■ 4

## Atyryň zaýalanandygyny nädip bilmeli?

Parfýumeriýa önümleri gündelik durmuşda giňden ulanylýan serişdeler bolup, ys berijileriň ulanylyş düzgünlerini bilmek esasy şertleriň biridir. Esasan hem, howanyň gyzgyn günleri atyryň saklanyş we ulanylyş düzgünlerine ünsli çemeleşmeli. ■ 5

## Çärýek finalda...

Çärýek finalda futbol janköýerlerine finala barabar duşuşyklar garaşýar. Esasan hem, grafikanyň çep tarapyndaky duşuşyklaryň ikisi-de wagtyndan öňki final oýunlary hasaplanýar. ■ 7

## Kopa Amerikada toparçalardaky duşuşyklar tamamlandy

ABŞ-da dowam edýän 48-nji Kopa Amerika çempionatynda toparçadaky duşuşyklar tamamlanyp, çärýek finala çykanlar belli boldy. ■ 8

## Deňziň düýbünden magdan tapyldy

Ýaponiýada deňziň düýbünden köp mukdarda magdan tapyldy. Suwasty gorda ykdysadyýet üçin ähmiýetli bolan marganesiň we kobaltyň bardygy bellenildi. Üsti açylan himiki elementiň ýurduň zerurlygyna 75 ýyl ýetip biljekdigi mälim edildi. Marganes we kobalt senagatda giňden ulanylyp,



tebigatda seýrek duş gelýän himiki elementler hasaplanýar. Ýuwaş ummanynyň demirgazyk-günbataryndaky Minamitorişima adasynyň golaýyndaky magdany Nippon fondy bilen Tokio uniwersitetiniň bilermenleri ýüze çykarypdyr. Geologlar üç aýyň dowamynda uzak aralykdan dolandyrylýan suwasty enjamlar arkaly 5 müň metrden gowrak çuňlukda 100-den gowrak meýdanda gözleg işlerini geçiripdirler.

**Ogulsapar SALYHOWA,**
*Aşgabat gurluşyk orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.*

## Ýel energiýasynda rekord goýuldy

Dünýäde deňizlerdäki ýel beketlerinden alynýan energiýada rekord goýuldy. Geçen ýyl kenardan uzakda gurlan bu beketlerdäki önümçiligiň 24 göterim artyp, 75,2 gigawata ýetendigi mälim edildi. Global ýel energiýa geňeşi



(GWEC) tarapyndan taýýarlanan maglumata görä, geçen ýyl gurlup ulanmaga berlen ýel turbinalarynyň önümçilik kuwwaty 10,8 gigawat bolupdyr. Bu ugurda alty ýyldan bäri birinji bolup gelýän Hytaý geçen ýyl umumy önümçilik kuwwaty 6,3 gigawat bolan suwüsti beketi işe girizipdir. Bu görkeziji Ýewropa ýurtlarynda 3,8 gigawat bolupdyr. Sebit ýurtlarynda Birleşen Patyşalyk (833 megawat), Fransiýa (360 megawat), Daniýa (344 megawat) we Germaniýa (257 megawat) öňdeligi eýeläpdir.

**Aýgül HAJYNAZAROWA,**
*Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Balkan welaýat birleşmesiniň derňewçisi.*

## Dünýäniň iň gowy awiakompaniýalary

Awiasiýa pudagyndaky iň ýokary baýrak hasaplanýan «Skytrax» baýraklaryna mynasyp bolan awiakompaniýalar mälim edildi. Kataryň milli awiasiýa kompaniýasy «Skytrax»-yň 25 ýyllyk



taryhynda sekizinji gezek birinji boldy. Londonda geçirilen dabara dünýäniň iri awiakompaniýalarynyň wekilleri gatnaşdy. «Skytrax» 1999-njy ýyldan bäri 100 ýurtdan 350 awiakompaniýa barada 21 milliondan gowrak müşderisi bilen geçirilen pikir soralyşygyň netijesinde sanaw taýýarlaýar. «Singapore Airlines», «Emirates», «ANA All Nippon Airways» we «Cathay Pacific» degişlilikde ilkinji bäşlige girdi.

**Myrat ŞAMYRADOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň Arkadag şäheri boýunça müdirliginiň harby gullukçysy, maýor.*

## «Google terjimä» 110 täze dil goşuldy

Internetiň iň meşhur saýty «Google» ulanyjylaryna dürli hyzmatlary hödürleýär. Şolaryň arasynda onlaýn terjime hem bar. «Google terjime» hyzmatlaryna täze 110 dil goşuldy. Bu dilleriň arasynda 5 dil ural-altaý diller maşgalasyna degişli bolan türki dillerdir. Şeýlelikde, bu hyzmat çuwaşça, kyrym tatarçasy, başgyrça, tuwaça we ýakutça ulanyjylar üçin elýeterli boldy.



Şunuň bilen terjime hyzmatlaryna goşulan türki dilleriň sany 13-e ýetdi. Mundan öň «Google terjime» arkaly azerbaýjan, gazak, gyrgyz, tatar, türk, türkmen, özbek we uýgur dillerini terjime etdirip bolýardy. «Google» bu baradaky habarynda şu gezek häzire çenli iň köp diliň goşulandygyny belledi. «Google terjime» 2008-nji ýylda hyzmata hödürlenipdi.

**Mekan MAHTUMOW,**
*Aşgabat şäherindäki 32-nji orta mekdebiň müdiriniň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji.*

# HALKYMYZYŇ ABADAN DURMUŞY ÜPJÜN EDILÝÄR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň serhetleriniň goňşy we beýleki ýurtlar bilen dostlukly gatnaşyklaryň daýanjy bolmalydygyny, döwletimiziň içeri, daşary syýasatynyň dabaralanmagynyň nyşany hökmünde çykyş etmelidigini belledi. Döwletimiz tarapyndan Watan goragçylarynyň netijeli gulluk etmegi, göwnejaý ýaşaýyş-durmuşy üçin mundan beýläk-de oňaýly şertler dörediler, serhet birikmeleriniň döwrebap binalary we durmuş maksatly desgalary yzygiderli gurlar diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy hem-de halkymyzyň abadan durmuşyny üpjün etmek maksady bilen, degişli çäreleri görmegi tabşyrdy.

Adalat ministri M.Taganow şu ýylyň ýanwar–iýun aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, şol sanda milli hukuk binýadyny kämilleşdirmek boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi. Şeýle-de, degişli ösüş maksatnamasynyň ýerine ýetirilişi barada aýdyldy.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ilat arasynda we edara-kärhanalarda kanunçylygy düşündirmek boýunça işleri alyp barmagyň zerurdygyny belledi. Şunuň bilen birlikde, ýurdumyzdaky il-ýurt bähbitli işleri, gazanylýan üstünlikleri wagyz-nesihat etmegi giňden ýola goýmak tabşyryldy.

Döwlet gümrük gullugynyň başlygy M.Hudaýkulyýew şu ýylyň başyndan bäri ýolbaşçylyk edýän düzümini tehniki taýdan döwrebaplaşdyrmak we düzümleýin edaralaryň sazlaşykly işlemegini üpjün etmek boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, ýörite enjamlary ulanmak babatda harby gullukçylaryň hünär bilimini yzygiderli kämilleşdirmegiň möhümdigini belledi. Hormatly Prezidentimiz gümrük barlag enjamlary boýunça dünýäniň innowasion täzeliklerini yzygiderli öwrenmegiň zerurdygyna ünsi çekip, gullugyň ýolbaşçysyna anyk tabşyryklary berdi.

Döwlet migrasiýa gullugynyň başlygy A.Sazakow hasabat döwründe ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, harby gullukçylaryň öňünde goýlan wezipeleriň talabalaýyk ýerine ýetirilmegini, degişli ösüş maksatnamasynda kesgitlenen wezipeleriň üstünlikli çözülmegini üpjün etmäge gönükdirilen çäreleriň durmuşa geçirilişi barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, gullugyň işiniň talabalaýyk guralmagynyň gullukçylaryň hünär derejesiniň yzygiderli ýokarlandyrylmagyny, migrasiýa çärelerini dünýä tejribesinde umumy ykrar edilen standartlara laýyklykda geçirmek üçin oňyn şertleriň döredilmegini talap edýändigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwletimiziň we daşary ýurtlaryň raýatlary tarapyndan migrasiýa kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik etmek tabşyryldy.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy mejlisi jemläp, Türkmenistanyň goranyş häsiýetli Harby doktrinasyna laýyklykda, Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň howpsuzlygyny we bitewüligini ýokary derejede üpjün etmek boýunça netijeli çäreleriň görülýändigini nygtady. Döwletimiziň goranyş ukybyny pugtalandyrmaga, Watan goragçylarynyň, olaryň maşgala agzalarynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmaga uly üns berilýär diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we bu ugurdaky işleriň mundan beýläk-de dowam etdiriljekdigini belledi.

Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň mejlisinde başga-da birnäçe meselelere garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

# DIÝARYMYZ SAGDYNLYGYŇ, RUHUBELENTLIGIŇ MEKANY

Döwletiň we jemgyýetiň baş baýlygy hasaplanylýan adam hakdaky alada amala aşyrylýan ähli özgertmeleriň, giň gerimli maksatnamalaryň we taslamalaryň esasyny düzýär. Sport we sagdyn durmuş ýörelgesi bolsa adamlara öz mümkinçiliklerini açyp görkezmäge ýardam edýär.

Türkmenistan tebigaty goramak baradaky halkara resminamalara goşulmak bilen, daşky gurşawy goramak hem-de sagdyn durmuş ýörelgesini giňden ornaşdyrmak boýunça netijeli işleri geçirýär. Bu işleriň netijeleri Watanymyzyň sagdynlygyň we bagtyýarlygyň ýurdy hökmündäki halkara abraýyny artdyryp, Diýarymyzda adamyň saglygyna näderejede uly ünsüň berilýändigini görkezýär.

Diýarymyzda bedenterbiýe-sagaldyş we sport işleriniň ählumumy häsiýete eýe bolmagy döwletiň we jemgyýetiň, agzybir türkmen halkynyň sazlaşygynyň hem-de tagallalarynyň birleşmeginiň netijesidir. Sebäbi raýatlarymyz sportuň saglyk üçin örän peýdaly bolup, öňde goýlan ähli maksatlara ýetmekde möhüm ornunyň bardygyna oňat düşünýärler. Şonuň üçin hem Türkmenistan sagdyn durmuş ýörelgesini, bedenterbiýäni we sporty ýakyn, orta hem-de uzak möhletli geljek üçin ösdürmäge, wagyz etmäge gönükdirilen tagallalary babatda döwletleriň köpüsine görelde bolup durýar.

Ildeşlerimiziň saglygyny dikeltmekde, ber-



kitmekde şypahanalar ähmiýetli orna eýe. Döwrüň talabyna laýyk enjamlaşdyrylan «Mollagara», «Awaza», «Arçman», «Ýyly suw», «Bagabat», «Berzeňňi», «Baýramaly», «Farap», «Daşoguz» şypahanalarynda milli hem-de häzirki zaman usullarynyň ulanylmagy raýatlaryň doly derejede dynç almaklaryna we saglygyny dikeltmeklerine mümkinçilik berýär. Olaryň ähmiýeti häzirki tomus günlerinde has-da artýar. Çünki ýurdumyzyň şypahanalary saglygymyzyň tebigy çeşmesidir. Olarda döwrebap lukmançylyk enjamlarynyň ornaşdyrylmagy hyzmatlaryň hilini, derejesini has-da ýokarlandyrýar.

Ýurdumyzda uly ösüşlere eýe bolýan saglyk ulgamynda gazanylýan ajaýyp üstünlikler, bejeriş-öňüni alyş hyzmatlary we derman senagatynda ýetilen täze sepgitler daşary döwletleriňdir halkara guramalaryň hem ünsüni çekýär. Şunuň bilen baglylykda, saglygy goraýyş ulgamynda dürli keselleri öz wagtynda anyklamak we bejermek işleri güýçlendirilýär, sagdyn durmuş ýörelgelerini pugtalandyrmak, bedenterbiýäni we sporty giňden wagyz etmek üçin zerur şertler döredilýär. Maşgalanyň durmuş derejesiniň ýokarlandyrylmagyna, ösüp gelýän ýaş nesli terbiýelemäge, halkymyza mahsus bolan maşgala gymmatlyklarynyň wagyz edilmegine aýratyn ähmiýet berilýär. Bularyň ählisi halkymyzyň buýsançly başyny has-da belende göterýär.

**Mähri JOMMYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasynyň ätiýaçlandyryşyň usulyýeti we ätiýaçlandyryş amallary bölüminiň başlygynyň orunbasary, Aşgabat şäheriniň halk maslahatynyň agzasy.*

## 20 ýyldan soň täze banknot çykardy

Ýaponiýada 2004-nji ýyldan bäri ilkinji gezek täze banknotlar dolanyşyga goýberildi. Ýurduň Merkezi banky täze banknotlary köpçülige görkezdi. Merkezi bankyň başlygy Ueda Kazuonyň gatnaşmagynda geçirilen tanyşdyrylyş dabarasynda 1000, 5000 we 10 000 ýapon ýeni görkezildi.

Ueda beýleki Aziýa ýurtlaryna garanyňda Ýaponiýada nagt däl hasaplaşygyň pes derejededigini belläp, nagt puluň ygtybarly töleg serişdesi hökmünde ýurduň geljeginde ähmiýetiniň uludygyny aýtdy. Merkezi bank, ilkinji nobatda, umumy gymmaty 1,6 trillion ýen (9,9 milliard dollar) bolan banknotlary dolanyşyga goýbermegi meýilleşdirýär.




Täze banknotlardaky ýerli dildäki «kanji» sanlary has gowy görünmegi üçin uly edilipdir.

Milli çap býurosy (NPB) täze banknotlarda ilkinji gezek 3D gologramma tehnologiýasyndan peýdalanylandygyny mälim etdi.

Täze 10 000 ýenlik banknotyň öň tarapyndan ýapon senagatyny esaslandyryjylaryň biri bolan Eýiti Sibusawanyň, arka tarapynda Tokionyň wokzalynyň şekili ýerleşdirilipdir. 5000 ýenlik banknotyň öň tarapynda ýapon zenanlarynyň bilim almagynda uly iş bitiren, Tsuda uniwersitetini esaslandyryjy Umeko Tsudanyň, arka tarapynda mämişi reňkli gülüň suraty bar.

1000 ýenlik puluň öň tarapynda bakteriolog Sibasaburo Kitasatonyň şekili, arkasynda ýapon Ukiýo-e surat sungatyna degişli meşhur «Kanagawadaky uly tolkun» eseri ýerleşdirilipdir.

## Elektroulag önümçiligini artdyrar

Germaniýanyň «Volkswagen» topary ABŞ-nyň elektroulag öndürýän «Rivian» kompaniýasy bilen bilelikde 5 milliard dollarlyk hyzmatdaşlygy ýola goýar. Iki kompaniýanyň



bilelikdäki beýanatynda ulaglaryň programma üpjünçilik tehnologiýasyny ösdürmekde hyzmatdaşlyk etjekdigi bellenildi. Hyzmatdaşlygyň global derejede innowasiýany ösdürip, her ulagyň özüne düşýän bahasynyň arzanladylmagyna garaşylýar. Şeýlelikde, bu hyzmatdaşlygyň netijesinde öndüriljek has arzan we kiçi göwrümli «R2» we «R3» ulaglary 2026-njy ýylyň başynda satuwa çykarylar.

## Täze sepgide ýetdi

ABŞ-nyň elektron söwda pudagynda iş alyp barýan «Amazon» kompaniýasynyň bazar nyrhy ilkinji gezek 2 trillion dollardan geçdi. Şeýlelikde, bölek söwda ägirdi «Microsoft»,




«Nvidia», «Apple» we «Alphabet» kompaniýalaryndan soňra iň gymmat bäşinji amerikan kompaniýasy boldy. «Amazon»-yň paýnamalarynyň bahasy 3,6 göterim ýokarlanyp, 193,04 dollara çykdy. Şeýlelikde, «Amazon»-yň bazar bahasy 2 trillion dollardan geçdi. Kompaniýanyň paýnamalary ýylyň başyndan bäri 26 göterim gymmatlady. «Google»-a eýeçilik edýän «Alphabet»-iň bazar bahasy bolsa, şu ýylyň aprelinde şeýle sepgide ýetipdi.

## Ýewropada energiýa önümçiligi «arassalanýar»

Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlarda elektrik energiýasy has arassa çeşmelerden alnyp başlandy. Maglumatlara görä, şu ýylyň birinji ýarymynda elektrik energiýasynyň dörtden üç bölegi arassa çeşmelerden alnypdyr.



Bu barada Belgiýanyň «Eurelectric» assosiasiýasy habar berdi. Maglumata görä, Ýewropada «ýaşyl» önümçilikde rekord goýlupdyr. Şeýlelikde, elektrik energiýasynyň 74 göterimi arassa çeşmelerden öndürilipdir. Alty aýyň dowamynda elektrik energiýasynyň 50 göteriminden gowragy Gün we ýel ýaly çeşmelerden alnan bolsa, 24 göterimi ýadro beketlerinden alnypdyr. Elektrik önümçiliginde tebigy gazyň paýy 13 göterim, kömrüň paýy 9 göterim bolupdyr.

**Mähriban JUMAMYRADOWA,**
*Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň talyby.*

## 2027-nji ýylda kosmos bekedini gurup başlar

Russiýanyň Federal Kosmos Agentligi (Roskosmos) täze kosmos stansiýasynyň gurulmagy bilen bagly senenamanyň tassyklanandygyny mälim etdi. Ýaýradylan maglumatda 2027-nji ýylda bilim we



energiýa moduly orbita uçurylar. 2030-njy ýyla çenli bolsa dört modul uçurylyp, kosmos bekediniň «biloňurgasy» emele getiriler. 2031-nji we 2033-nji ýyllarda ýene iki modulyň birikdirilmegi bilen kosmos bekedi giňeldiler.

Russiýa häzirki wagtda ABŞ, Ýaponiýa, Kanada we Ýewropa ýurtlary bilen bilelikde ulanylýan Halkara kosmos bekedinden çykmagy meýilleşdirýär. Halkara kosmos bekediniň ulanyş möhleti mundan ozal tamamlanyp, birnäçe gezek yza süýşürilipdi. Häzirki wagtda Ýeriň orbitasynda bu kosmos bekedi bilen bir hatarda Hytaýyň hem aýratyn kosmos bekedi bar.

**Nurmyrat REJEPOW,**
*Türkmen oba hojalyk institutynyň talyby.*

## Kosmosa şarly syýahat

Kosmos syýahatçylygyny amala aşyrýan «Space Perspective» kompaniýasy ýolagçylary kosmosa çykarjak howa şarynyň ilkinji synag uçuşyny amala aşyrdy. Ýolagçylar kosmos giňişligine çykyp, Ýeriň togalakdygyny öz gözi bilen görüp bilerler. Bir gezeklik petegiň bahasynyň 125 müň dollar boljakdygy mälim edildi. Kosmos şary 8 orunlyk bolup,



ýylyň ahyrynda ýolagçylary asman giňişligine gatnadyp başlar. Kompaniýa maşgala agzalaryň, dostlaryň, işdeşleriň bilen naharlanmak ýa-da ýygnak geçirmek üçin asman giňişligine gitmegi maslahat berýär. Kosmos şarynda Wi-Fi hyzmaty hem bolar. Şar kosmosyň çägine çenli baryp, atmosferanyň 29 kilometr ýokarsynda durar. Syýahat 6 sagat dowam eder. «Space Perspective» kosmosa bir gezekde äkidilen ýolagçy sany babatda hem rekord goýmagy meýilleşdir.

**Ogulşat SÜLEÝMANGULYÝEWA,**
*Aşgabat gurluşyk orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.*

## Global söwda 32 trillion dollara ýeter

Bütindünýä Söwda Guramasy (WTO) ýylyň dowamynda global söwdanyň 32 trillion dollara ýetip biljekdigini mälim etdi. Guramanyň maglumatlaryna görä, ýylyň birinji çärýeginde halkara haryt söwdasy 1 göterim, hyzmat söwdasy 1,5 göterim artypdyr. Global söwdanyň



Hytaýyň eksportynyň 9, Hindistanyň 7 we ABŞ-nyň 3 göterim artmagyna täsiri uly bolupdyr. Degişli döwürde Ýewropa ýurtlarynyň eksporty öňküligine galan bolsa, Afrikanyň eksporty 5 göterim peselipdir.

Ýanwar-mart aýlarynda «ýaşyl» energiýa we emeli aň bilen bagly harytlaryň eksporty ýokary derejede artypdyr.

Gurama ýylyň dowamynda global söwdanyň 3 göterim artyp, geçen ýylky rekordy täzelemegine garaşýar.

**Selbinýaz ÝAZMYRADOWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Gämileriň gelmegi çäklendiriler

Niderlandlaryň paýtagty Amsterdama her ýylda 20 million töweregi myhman barýar. Şäheriň ýerli häkimiýetiniň ýolbaşçylary syýahatçylaryň sanyny azaltmak maksady bilen täze karar kabul etdi. Täze düzgüne görä, ýylyň dowamynda iň köp 100 gämi şäheriň portuna baryp



biler. Häzirki wagtda şäheriň esasy demir ýol wokzalynyň golaýyndaky derýa kenaryndaky ýolagçy portuna ýylda 190 gämi ýanaşyp bilýär. Geçen ýyl bolsa şäherde daşky gurşawa ýetirilýän zyýany azaltmak maksady bilen uly ýolagçy gämileriň şäheriň merkezinde labyr taşlamagy gadagan edilipdi. Täze düzgün 2026-njy ýyldan başlap güýje girer. Has uly gämiler Rotterdam portuna gitmeli bolar. Şeýle hem ýerli häkimiýet 2035-nji ýyla çenli porty şäher merkezinden dolulygyna aýyrmagy meýilleşdirýär.

ZAMAN TÜRKMENISTAN
ESASLANDYRYJYSY – «ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Iýul aýynyň 5-i, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-114316
Belgisi: 27/1593
Tiražy: 9047
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# ŞATLYGA BESLENÝÄN TOMUS PASLY

Biziň ýurdumyz bagtly çagalygyň ýurdy. Bu jümläniň aňyrsynda Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýaş nesliň terbiýeli, watansöýüji, ahlakly, ruhy hem-de beden taýdan sagdyn nesil bolup kemala gelmegi üçin edýän irginsiz aladalary ýatyr.

Çagalar biziň ertirki günümiz. Häzirki döwürde ýurdumyzda ösüp gelýän ýaş nesilleriň sazlaşykly ösüşi, bilim almaklary, boş wagtlaryny gyzykly we peýdaly geçirmekleri üçin amatly şertler döredilýär.

Tomus paslynyň başlamagy bilen ýaş nesilleriň saglygyny berkitmegi, dynç



almagy, wagtyny şadyýan geçirmegi üçin ýokary derejedäki şertleri özünde jemleýän çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezleri işläp başlady. Tomus paslynyň gelmegi bilen çagalaryň durmuşynda aýratyn ýatdan çykmajak gyzykly başdan geçirmeler, şatlykly wakalar başlanýar.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda ýurdumyzda çagalaryň wagtyny gyzykly, täsirli geçirmegi üçin ähli mümkinçilikler döredilýär. Paýtagtymyz Aşgabatda we ýurdumyzyň dürli künjeklerinde çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezlerinde ýaş nesliň döwrebap dynç almagy üçin ähli şertler bar.

Tomus paslynda çagalar Watanymyzyň ähli sebitlerinde, şol sanda ajaýyp Gökderede, Hazaryň ekologiýa taýdan arassa kenarynda



ýerleşýän «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda dynç alyp bilýärler. Bagtyýar körpeleriň tomusky dynç alyş möwsümini has-da gyzykly, täsirli geçirmekleri üçin bu ýerlerdäki merkezlerde şowhunly konsertler, sport ýaryşlary, dürli medeni çäreler yzygiderli guralýar.

Nurana geljegimiz bolan ýaş nesliň beden taýdan sagdyn hem-de ruhy taýdan kämil adamlar bolup ýetişmegi üçin irginsiz alada edilýär. Amala aşyrylan her bir iş bolsa Watanymyzyň bagtyýar çagalaryň ýurdudygyndan habar berýär. Tomusky dynç alyş möwsüminde körpeje jigilerimiz wagtyny gyzykly geçirýärler. Ýaş nesillerimiz üçin alada edýän hormatly Prezidentimize alkyşlarymyz egsilmezdir.

**Seýdylla ÝAZMÄMMEDOW,**
*TMÝG-niň Bäherden etrap geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň sanly ulgam boýunça esasy hünärmeni.*

# TOÝ DÄPLERI

Halkymyzyň milli däp-dessurlary öz gözbaşyny gadymdan alyp gaýdýar. Ildeşlerimiz biri-biri bilen görmegörüşde bolanda, «Toýdan bolsun!», «Toýda duşuşalyň!» diýýärler, alkyş aýdylanda bolsa «Gazananyň toýa ýarasyn!», «Toýuňda gaýtsyn!» diýilýär. Bagtyýar döwrümizde bäbek toýy, diş toýy, galpak toýy, sünnet toýy, gelin toýy, akgoýun toýy ýaly toýlaryň ählisi döwrebaplaşdy we kämilleşdi. Biziň ähli toýlarymyz şatlyk-şagalaňly, dabaraly tutulýar. Toýlaryň içinde iň naýbaşysy gelin toýy hasaplanýar. Gelin toýlaryň tutulmagy bilen täze bir türkmen maşgalasynyň, ojagynyň binýady emele gelýär.

Ynha uludan toý tutup, öýüňe gelin getirersiň welin, öýüň, dünýäň dolan ýaly



bolar. Toýa gelen myhmanlar «Gelniň aýagy düşsün!», «Hyzmaty buýursyn, önüp-ösüp, garylyp-gatyşyp gitsin!» diýip ýagşydan-ýagşy arzuwlar edýärler. Täze gelin türkmeniň däbine görä ilki sag aýagy ätdirilip, ulagdan düşürilýär. Gelen gelniň eli hemişe ýagda-unda bolsun, gelen maşgalasyna garylyp-gatylyp gitsin diýen umyt bilen undur ýagyny taýýarlap oturan ene-mamalarymyz gelniň elini «bismilla» diýip saryýaga, una batyryp:

*Sag eliň sary ýaga,*
*Sol eliň bugdaý una,*
*Aşyň içen derlesin,*
*Ojak alyp ornasyn...*

– diýip gazal aýdýarlar. Soňra öýüň töründe gelniň oturmaly ýerinde ýigidiň gelnejesi oturýar. Gyzyň ýeňňeleri: «Orun donuňy getirdik, ýerimizi ber» diýip serpaý ýapýarlar. Gelni oturdyp, «Gujagyň dolup dursun, nesliň dowamata dowam bolsun» diýen ýagşy yrym bilen gujagyna çaga berilýär. Berjaý edilýän her bir däp-dessurlar taryhy geçmişi, gündelik durmuşy, edep-terbiýe, milli ýol-ýörelge bilen berk baglanyşyklydyr.

Däp-dessurlara baý türkmen halkynyň gelin toýlary her etrapda öz aýratynlygy bilen ta-



pawutlanýar. Durmuş toýunyň tutulmagy bilen täze bir maşgala döräp, iki tarapyň ömürlik garyndaşlyk gatnaşygyna ýol açylýar. Halkymyzda «Gudaçylyk – müň ýyllyk» diýilýär.

Halk arasynda «Maslahatly biçilen don gysga bolmaz» diýen pähim bar. Toýa bir hepde galanda ýigidiň öýünde dowar soýlup, geňeş toýy geçirilip, oňa il içinde hormatlanýan, abraýly adamlar çagyrylýar. Geňeş toýunda toýda edilmeli işler çagyrylanlaryň arasynda paýlaşylýar. Olaryň birine çaý çekmek, beýlekisine nahar äbermek, ýene birine bolsa gelen myhmanlary garşylamak ýaly işler ynanylýar.

Toý güni ýaşulular gelnalyjyny ak pata berip ýola salýarlar. Gelni atasy öýünden ýigidiň ýeňňesi alyp çykýar we ulaga mündürýär. Gelnalyjy ýigidiň öýüne gelende ýaşlara ak bagty arzuwlap, ulaga un sepýärler. Bu bagtyýar pursada dogan-garyndaşlar hem goşulyp, nogul-nabat seçýärler. Ak arzuwlar bilen garşy alnan gelin döwletli maşgalanyň arzyman gelni bolýar.

**Ogulsona BOPPYÝEWA,**
*Aşgabat şäherindäki 12-nji çagalar bakja-bagynyň müdiriniň wesipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji.*

# ÝAŞLAR – ÝURDUMYZYŇ GELJEGI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň gatnaşmagynda geçirilen Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň VII gurultaýynda we onda ýurdumyzyň ýaşlarynyň teklipleri esasynda işlenip taýýarlanylan «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşiniň kabul edilmegi hem ýaşlarymyz üçin döredilýän mümkinçilikleriň kanunçylyk binýadyny has-da berkitdi.

Geçmişi şöhratly, azym-azym şäherleri bilen Beýik Ýüpek ýolunyň ýüreginde ýerleşen gadymy Diýarymyzda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe täze taryh ýazylýar. Heňňamlara şan berýän, köňüllere, ýüreklere ornaýan täze taryhyň şöhratly sahypalaryny beýik şahsyýetler döredýärler. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň binýadyny berkden goýan Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ata Watanymyzyň owazasy, şan-şöhraty belent şygarlara beslenip, taryhyň sahypalaryna zer harplar bilen möhürlenýär. Täze taryhy eýýamda uly üstünliklere, rowaçlyklara beslenip gelýän ýyllary şanly şygarlar bilen atlandyrmaklyk asylly däbe öwrüldi. Türkmenistanyň Mejlisiniň karary bilen, 2024-nji ýylyň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly diýlip yglan edilmegi täze taryhy eýýamda halkymyzyň beýik şahyry hem-de akyldary, döredijiligi umumadamzadyň ruhy gymmatlygyna öwrülen dana Magtymguly Pyragynyň sarpasynyň has hem belent tutulýandygynyň ýene-de bir aýdyň beýanydyr. Gahryman Arkadagymyzyň ýiti zehininden, jöwher paýhasyndan kemala gelen «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» goşgusyndan ugur alyp, 2024-nji ýylyň Magtymguly Pyragynyň



ady bilen baglanyşykly atlandyrylmagy halkymyzy, esasan hem, bagtyýar ýaşlarymyzy ähli ugurlar babatda täze üstünliklere, işlerinde döredijilikli çemeleşmelere ruhlandyrýar. Munuň şeýledigine biz, hormatly Prezidentimiziň ilkinji eseri «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly kitabynda: «Biz ýaş raýatlaryň durmuş üpjünçiligini gowulandyrmak, ýaş çatynjalara goldaw bermek, olary häzirki zaman ýaşaýyş jaýy bilen üpjün etmek, ýaşlaryň telekeçilik başlangyçlaryny höweslendirmek boýunça alyp barýan işlerimiziň gerimini has-da giňeldýäris. Ýaşlar baradaky döwlet syýasatymyzy üstünlikli durmuşa geçirmek üçin ýaşlar bilen işleşýän ýöriteleşdirilen guramalaryň işini güýçlendirmegi, hukuk esaslaryny we maliýe meselelerini geljekde hem kämilleşdirmegi maksadalaýyk hasaplaýarys» diýen sözlerinde hem göz ýetirýäris. Ýurdumyzda ýaşlaryň halkara ülňülerine laýyk gelýän döwrebap bilim almagynda, saýlap alan hünärlerinden bilimlerini artdyrmagynda, ýaş nesilleriň ylmy-döredijilik işlerine höweslenmeginde, dünýägaraýyşlarynyň giňelmeginde we özlerini kämilleşdirmeginde, bedenterbiýe, sport bilen meşgullanmagynda hemmetaraplaýyn goldaw bermek baş

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

wezipeleriň biridir. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz ýaşlaryň hakyky watançylyk, ýokary ruhy-ahlak we medeni gymmatlyklar, parasatly halk däp-dessurlaryna, ata-babalarymyzyň wesýetlerine wepalylyk ruhunda terbiýelenilmegine möhüm ähmiýet berýär. Ýurdumyzda ýaşlara döwletiň geljekki ösüşleriniň binýadyny goýjak, ykdysadyýetiň pudaklarynda zähmeti guramakdan başlap, dolandyryjy wezipelerde işlejek ynsanlaryň «altyn gaznasy» hökmünde garalýar. Şu jähetden, döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hem ýaşlara bagyşlanylýar. Bu gönüden-göni olaryň hukuklary, durmuş taýdan goraglylygy we geljegi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Täze taryhy döwürde Pyragynyň arzuw eden berkarar döwleti Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallasy bilen wysalyna gowuşýar. Agzybir, zähmetsöýer türkmen halky we zamanamyzyň baýdak göterijileri bolan ýaşlar döwletimiziň ösüşiň täze belentliklerine tarap bedew bady bilen öňe gitmeginde özleriniň päk zähmeti, gazanýan üstünlikleri arkaly uly goşant goşýandyklaryna buýsanyp ýaşaýarlar.

**Döwletgeldi DURDYMUHAMMEDOW,**
*Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň başlygynyň orunbasary.*

# EDEP-TERBIÝE YNSAN DURMUŞYNYŇ BEZEGIDIR

***Gündelik durmuşda «Alym bolmak aňsat, adam bolmak kyn» diýen aýtgyny köp eşidýänsiňiz. Aslyýetinde, bu ýerde göz öňünde tutulýan «adam bolmak» – kämillik, sypaýyçylyk, akýüreklilik hem edeplilikdir. Ilhalar kişileri beýleki adamlardan tapawutlandyrýan sypatlar, ine şu häsiýetlerdir.***

Perzent terbiýesine biparh garamaly däldigi gadymdan bäri aýdylyp gelinýän pent. Möminleriň emiri Aly ibn Abu Talyp: «Çagalaryňyzy diňe şu döwür üçin däl, geljek zamanlary hem göz öňünde tutup terbiýeläň» diýer eken. Gysga hem bolsa, akyla muwapyk söz. Terbiýeçiler, mugallymlar, ene-atalar çagalaryň edep-terbiýesini kämilleşdirmek arkaly olara ýaşaýşyň täze gözýetimlerini, üstünligiň heniz el degmedik gapylaryny açyp bermäge, bagta eltýän halal ýollary öwretmäge – geljege mynasyp taýýarlamaga borçludyrlar. Şu wagtdan perzentleriň aňyna sepilen tälim tohumlary, ýüreklerine oturdylan ýagşylyk nahallary mäkäm boý alsa, tüýs diýen çaglarynda ol düşünjeleriň hasyl berip başlajakdygy hemmämize mälim. Ynsanlar geljege taýýarlykly bolmaly, taýýarlykly barmaly.

Aslynda ynsan çagasy ýagşy arzuwlar bilen dünýä inýär. Ýagşy arzuwda ýaşamak adamyň tebigatyna mahsus. Ýöne ýerden «Ýagşy niýet – ýarym döwlet» diýilmeýär. Adam ömrüniň dowamynda edep alýar, okaýar, zähmet çekýär, maşgala gurýar, çagalaryny terbiýeleýär we olary durmuşa ugrukdyrýar. Ýokary ahlakly adam şu durmuş «duralgalarynyň» ählisinde hem ýagşy arzuwlara köňül berip ýaşaýar, diňe jemgyýete peýdaly işlere özüni bagyşlaýar.

Şahsyýet tarapyndan adam gatnaşyklarynda özüňi alyp barmagyň anyk ýüze çykmalaryna ahlak edebi ýa-da edeplilik diýilýär. Ahlaklylygyň we edepliligiň birnäçe görkezijileri bar. Ynsanyň edebi onuň ahlak kämilliginiň derejesine baglydyr. Şeýlelikde, edep ahlakdan gaýdýar. Edep kadalary ahlak kadalaryny durmuşa geçirmegiň mehanizmidir. Edepli ynsan ahlakly ynsandyr, ahlakly ynsan bolsa medeniýetli ynsandyr. Ahlaksyz ynsan welin, islendik ýagdaýda jemgyýetçilik tarapyndan edepsiz we medeniýetsiz hasaplanýandyr.

Türkmen jemgyýetiniň irki döwürlerinde hem edep kadalaryna möhüm ähmiýet berlipdir. Edep kadalary hem edil ahlak kadalary ýaly halkyň mentalitetine esaslanýar hem-de şondan gelip çykýar. Şoňa görä-de, türkmen edebi beýleki halklaryň edep kadalaryndan düýpli tapawut-



lanýar. Öz gezeginde edepliligiň ahlakdan gaýdýandygyny, ahlaklylygyň durmuşda ýüze çykmasynyň dereje görkezijisi hökmünde halkymyzyň ahlak kadalary bolup durýandygyna göz ýetirmek bolýar. Hakykatdan-da erkli, çydamly, utanç-haýaly, ygrarly, pespäl, geçirimli, ugurtapyjy, öňdengörüji bolmak hem-de beýleki ahlak kadalarynyň talabalaýyk berjaý edilmegi aslynda edeplilikden nyşandyr.

Edep kadalarynyň talaplary doly we dogry berjaý edilende, her bir adam ýokary ahlakly hem medeniýetli şahsyýet hökmünde jemgyýetde uly abraý-mertebä eýe bolýar.

Şeýlelikde, gujur-gaýratly, talapkär şahsyýeti kemala getirmek üçin, jemgyýetde dürli derejelerde ahlak terbiýesi döwrebap guralan bolmaly, meýilnamalaýyn esasda üznüksiz



amala aşyrylmaly. Mysal üçin, türkmenlerde ir döwürlerden bäri maşgalada maşgalabaşy tarapyndan öwüt-ündew işleri hemişe geçirilip durlupdyr.

Durmuşda edep kadalarynyň berjaý edilişi şahsyýetiň her bir hereketinden ýa-da edepsiz hereketden saklanmagyndan aýdyň görünýär. Özi-de erkek kişiniň we aýal maşgalanyň edebiniň öz tapawutly taraplary bolýar, şeýle hem şahsyýetiň ýaşyna baglylykda edebiň ýüze çykmasynyň öz häsiýetli aýratynlyklary bardyr. Aýdalyň, salamlaşmakda, märekede özüňi alyp barmakda, özüňden uly-kiçiler bilen gatnaşyklarda we ş.m. Görşümiz ýaly, durmuşda edeplilik adamyň hereketleriniň ýa-da olardan saklanmagynyň netijesinde ýüze çykýar.

Men-men diýip döşüne kakýan kişiniň durmuş ýolunda üýtgeşik gazanýan üstünligi, jemgyýetde bolsa üýşüp ýatan abraý-mertebesi ýokdur. Onuň tötänden ýetýän derejeleri hem gysga wagtlykdyr, ýagny soňsuzdyr. Ulumsy hem tekepbir adamyň durmuşda bar aladasy diňe özi bolýar, jemgyýete hem peýdasy ýetmeýär diýen ýaly. Çünki ol şahsy bähbitlerini elmydama jemgyýetiňkiden ýokarda goýýar. Şu zeýilli adamlar köpbilmişlige ýol berýärler, eden işlerini hem göwünli-göwünsiz edýärler, adatça, özlerini medeniýetsiz alyp barýarlar, edepleri-de pes bolýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýaşlaryň kämil ahlak keşbini kemala getirmekde Gahryman Arkadagymyzyň ylham çeşmesinden dörän, türkmen jemgyýetiniň dürli ugurlaryna bagyşlanan birnäçe ylmy-tejribe mazmunly eserleri aýratyn ähmiýete eýe boldy. Ykballarymyza bagt nuruny çaýan, halkymyzy has-da eşretli günlere ynamly alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň jany sag, başy dik bolsun, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli tutýan tutumly işleri rowana ýollarda rowaçlyklara beslensin!

**Bagtyýar GURBANBERDIÝEW,**
*Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň talyby.*

# GÜN URMADAN NÄDIP GORANMALY?

Gün şöhlesi dürli şöhlelenmeleriň güýçli çeşmesi bolup, olaryň içinde ultramelewşe şöhlesi wajyp ähmiýete eýedir. Olar az mukdarda adam bedenine, esasan hem, çagalar üçin has zerurdyr. Başgaça aýdylanda, olar adam bedeniniň ösmegi we kämilleşmegi üçin gerek bolan witaminleriň emele gelmegine gatnaşýar. Çendenaşa güýçli Gün şöhlesi agyr keselleriň, şeýle-de howply täze döremeleriň emele gelmegine sebäp bolup bilýär. Her bir adam çagalykdan başlap, Gün şöhlesini dürli derejede duýup başlaýar. Gün şöhlesiniň uzak wagtlap adamyň endamyna täsir etmegi deriniň ýanmagyna getirýär. Gün uran adamda ilkibaşda ýadawlyk, ysgynsyzlyk, kellagyry, başaýlanma, aýaklarynda we arkasynda agyry emele gelýär. Soňra gulagynyň şaňlamagy, deminiň gysmagy, ýüreginiň çalt urmagy mümkin.

### GÜN URMADAN NÄDIP GORANMALY?

◆ Tomusda irden sagat 09:00-dan 18:00-a çenli Günüň aşagynda köp durmak maslahat berilmeýär.

◆ Yssyda açyk reňkli, nah matadan tikilen ýeňil we giň biçüwli egin-eşikleri geýmeli.

◆ Guşak guşanmasaň, kemer dakynmasaň gowy.

◆ Tomusda açyk reňkli başgaplary geýmeli.

◆ Günden goraýan ýörite äýnekleri dakynmaly, saýawan götermeli.

◆ Tomusda düzüminde efir ýagy bolan gözellik serişdelerini, atyrlary kosmetolog bilen maslahatlaşyp ulanmaly.

◆ Tomusda Günüň zyýanly täsirinden goraýan witaminlere baý önümleri köpräk iýmeli.

◆ Günüň dowamynda içilýän suwuklygyň (şerbet, mineral suw, gatyk, çal, aýran, dürli şireler) mukdary 2 litrden az bolmaly däl.

### GÜN URMADA ILKINJI EDILMELI KÖMEKLER:

Gün uran adama gyssagly ýagdaýda ilkinji kömek berilýär.

1 Gün uran adamy salkyn ýere (agajyň saýasyna, kölegä, salkyn otaga) geçirmeli.

2 Kemerini, köýneginiň iliklerini ýazdyrmaly.

3 Ejir çekýän näsagyň goltuklaryna, boýnuna, döş kapasasyna we gasygynyň töweregine sowuk suwa öllenen mata bölegini goýmaly.

4 Eger-de Gün uran adam huşunda bolsa, sowuk suw bermeli.



5 Tiz kömek gullugy gelýänçä näsagyň ýagdaýyny gözegçilikde saklamaly.

**Gülkamar SAPAROWA,**
*Aşgabat şäherindäki 5-nji Saglyk öýüniň şepagat uýasy.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde

**Başlyklygy kabul etdi.** Wengriýa Ýewropa Bileleşiginiň Geňeşiniň alty aýlyk başlyklygyna başlady. Wengriýa 1-nji iýulda bu wezipäni Belgiýadan kabul edip, dekabr aýynyň ahyrynda rotasiýa esasynda gezegini Polşa berer. Başlyklygyň resmi nyşany, Rubigiň kubigi boldy. Bu ýyl wenger inženeri Ernýo Rubigiň oýlap tapyşyna 50 ýyl doldy.



**Monronyň öýi medeni ýadygärlik boldy.** Amerikaly aktrisa Merilin Monronyň Los-Anjelesiň Brentwud etrabyndaky öýi medeni ýadygärlik hökmünde ykrar edildi. Los-Anjeles şäher geňeşi tarapyndan jaýyň ýykylmagynyň öňüni alýan degişli karar kabul edildi. Monro bu jaýy 1962-nji ýylda 75 müň dollara satyn alypdyr.



**Tibetde daş iňňeler tapyldy.** Hytaýly arheologlar Tibetiň günbataryndaky Syada Ko kölüniň kenarynda geçirilen gazuw-agtaryş işleri mahalynda ýaşy 9 müň ýyla deň bolan alty sany daşdan ýasalan iňňäni tapdylar. Bular şu wagta çenli tapylan iň gadymy daş iňňelerdir.



**Batareýa meňzeş sement.** Massaçusets Tehnologiýa institutynyň hünärmenleri sementiň batareýa ýaly energiýa saklaýan täze görnüşini döretdiler. Materialyň düzümi sementden we tehniki ugleroddan ybarat. Bu komponentler aýratyn utgaşma netijesinde, öz içinde geçirijiler torunу emele getirýär.



**Eýnşteýniň haty auksionda satylar.** Dünýä belli fizik Albert Eýnşteýniň 1939-njy ýylda ABŞ-nyň Prezidenti Franklin D.Ruzwelte ýazan haty sentýabr aýynda Nýu-Ýorkdaky «Christie's» auksionyna çykarylar. «Wall Street Journal» neşiriniň ýazmagyna görä, hat auksionda 4 million dollara gider diýip garaşylýar.



**Suwa düşülýän gadymy kenar.** Italiýanyň Gerkulanum şäherinde miladynyň 79-njy ýylynda Wezuwiýanyň atylmasy netijesinde weýran bolan suwa düşülýän kenar myhmanlar üçin açyldy. Dikeldiş işlerinden soň syýahatçylara bu sebitiň iki müň ýyl ozal nähili bolandygyny göz öňüne getirmäge mümkinçilik berýän kenar deslapky durkuna gaýdyp geldi.



**Baýragyň eýeleri mälim edildi.** Halkara «Earther Photo» bäsleşiginiň emin agzalary 2024-nji ýylyň ýeňijilerini mälim etdi. Ýeriň gözelligini açyp görkezmäge we ekologiýa wehimlerine üns çekmäge gönükdirilen bäsleşikde bu ýyl Žan-Mark Kaýminiň we Walentina Piççininiň «Tropicalia» taslamasy sylaglandy.



**111 ýaşly elektroulag satylar.** Awgust aýynda ABŞ-nyň «Mecum» auksionynda 1913-nji ýylda öndürilen «Waverly Model 93» ulagy satuwa çykarylar. Bu ulag geçen asyryň başynda elektroulag öndürmäge niýetlenen «Waverly» kompaniýasy tarapyndan öndürildi. Ulagyň bahasy entek belli edilmedi, ýöne ulag doly abatlanandygy üçin onçakly gymmat bolmasa gerek.



**Bäsleşigiň ýeňijileri belli boldy.** Beýik Britaniýada mör-möjekleri surata düşürmek boýunça bäsleşigiň ýeňijileri belli boldy. Bäsleşik her ýyl Londonyň Entomologiýa jemgyýeti tarapyndan guralýar. Onda ýorkşirli Lýuk Çembers özüniň «Ukudaky kuku-arylar» atly suraty bilen ýeňiji boldy. Suratda iki sany ary baldagyň üstünde dynç alyp ýatyr.



**Täze dünýä rekordy.** Ýapon alymlary elýeterli optiki süýümi ulanmak arkaly maglumatlary ibermekde rekord goýdular. Ol sekuntda 402 terabaýt bolup, giň zolakly internetiň ortaça tizliginden 5 million esse ýokarydyr. Şeýle tizlik bir sekuntda 12 müň 500 sany filmi ýüklemäge mümkinçilik berýär.



# «Milli bileleşik» öňde barýar

30-njy iýunda Fransiýada nobatdan daşary parlament saýlawlarynyň birinji tapgyry geçirildi. Saýlawlarda Marin Le Peniň we Žordan Bardellanyň «Milli bileleşik» partiýasy 33 göterimden gowrak ses alyp, birinji tapgyrda ýeňiş gazandy. Ikinji orny 28 göterimden gowrak ses bilen «Täze halk fronty» bileleşigi eýeleýär. Prezidentiň «Respublika üçin bilelikde» bileleşigi 22 göterimden gowrak ses alyp, üçünji orny eýeledi. Ses berişligiň birinji tapgyryna gatnaşyk ýokary derejede bolup, saýlawçylaryň 67 göterimi saýlaw uçastoklaryna geldiler. Fransuz metbugatynyň belleýşi ýaly, bu soňky onýyllykda iň ýokary görkezijileriň biridir.

«Milli bileleşigiň» ýolbaşçylary saýlawlaryň ikinji tapgyrynyň netijelerinden soň fransuz parlamentiniň aşaky palatasynda



absalýut köplüge eýe bolmaga bil baglaýarlar. Bu ýagdaý bolsa, partiýanyň başlygy Žordan Bardellanyň Premýer-ministr wezipesini eýelemegine mümkinçilik döreder.

Fransuz parlamentiniň aşaky palatasy – Milli ýygnak Ýewropa Parlamentine geçirilen saýlawlardan soň ýurduň Prezidenti Emmanuel Makron tarapyndan ýatyryldy. Çünki Ýewropa parlamentiniň saýlawlarynda Marin Le Peniň hem-de Žordan Bardellanyň milli bileleşigi ep-esli ses bilen öňe saýlandy.

Çaklamalara görä, «Milli bileleşik» ikinji tapgyrdan soň parlamentde 260-dan 310 orna çenli, «Täze halk fronty» 115-den 145 orna çenli, «Respublika üçin bilelikde» 90-dan 120 orna çenli orun alyp biler. Şu wagta çenli hiç bir partiýa sesleriň aglaba köplügini gazanyp bilmedi we 7-nji iýulda geçiriljek saýlawlaryň ikinji tapgyrynda ýeňiji belli bolar.

# IKINJI TAPGYRDA BELLI BOLAR

Şu gün Eýranda möhletinden öň Prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyry geçirilip, onuň netijesinde iki dalaşgäriň biri Prezident saýlanar. 28-nji iýunda geçirilen birinji tapgyrda dalaşgärleriň hiç biri-de ýeňiş gazanmak üçin zerur sesi alyp bilmedi. Saýlawlaryň birinji tapgyrynda reformaçy Masud Pezeşkiýan we konserwator Said Jalili sesler doly sanalandan soň ikinji tapgyra çykdylar.

Masud Pezeşkiýan Mejlisiň agzasy, belli bir döwürde Eýranyň Saglygy goraýyş we lukmançylyk bilimi ministri bolup işledi.

Said Jalili bolsa, Eýranyň ruhy Lideriniň ýanyndaky Ýokary milli howpsuzlyk geňeşiniň wekilidir.

Ýurduň Merkezi saýlaw komissiýasynyň resmi wekili Mohsen Eslami saýlawlaryň birinji tapgyrynyň netijelerini mälim etdi. Onuň aýtmagyna gö-



rä, jemi 24,5 million ses berlip, reformaçy Masud Pezeşkiýan 10,4 million sese, howpsuzlyk geňeşiniň agzasy Jalili hem 9,4 million sese eýe boldy. Mejlisiň başlygy Muhammet Bager Galibaf 3,3 million ses aldy. Içeri işler ministrliginiň ozalky başlygy Mostafa Purmohammadi bolsa, 206 müňden gowrak ses aldy.

Eýranyň kanunlary ýeňijiniň 50 göterimden gowrak sese eýe bolmagyny talap edýär. Şeýlelikde, öňdebaryjy iki dalaşgär ikinji tapgyra çykdylar. Saýlawlara gatnaşyk 40 göterim boldy.

Eýranda Prezident ýurduň ruhy Lideri Aýatolla Ali Hameneýiden soň iň abraýly syýasatçy hasaplanýar. Prezidentiň borçlaryna Konstitusiýanyň düzgünnamalaryny durmuşa geçirmek we ýerine ýetiriji häkimiýete ýolbaşçylyk etmek girýär. Eýranyň daşary syýasatynyň umumy ugry oňa bagly bolup durýar.

# TELEÇEKIŞMÄNIŇ BIRINJI TAPGYRY

28-nji iýunda Atlantada ABŞ-nyň Prezidentiniň wezipesine esasy dalaşgärler – häzirki Prezident Jozef Baýden bilen öňki Prezident Donald Trampyň arasynda teleçekişmäniň birinji tapgyry geçirildi. Bu ABŞ-nyň taryhynda ilkinji gezek öňki we häzirki Prezidentleriň arasynda guralan saýlawdan öňki teleçekişmedir. Gyzgalaňly geçen çekişme 90 minut dowam etdi. Bu çäre ýurduň ykdysadyýetini ara alyp maslahatlaşmak bilen başlandy. Taraplar inflýasiýa, iş ýerleri we salgyt syýasaty barada pikir alyşdylar we prezidentlik döwründe syýasy karýerasyndaky esasy bärden gaýtmalary biri-birine ýaňzytdylar.

Bäsdeşler ykdysadyýetden başga-da daşary syýasata-da degip geçdiler. Taraplaryň käbir meselelerde garaýyşlarynyň düýpgöter çapraz gelen halatlary hem boldy. Baýden Ýewropa bilen ýygjam gatnaşyklary saklamaga çagyrsa, Tramp başga ýoly ileri tutdy.

Çykyş tamamlanandan soňra guralan pikir soralyşyklar taraplaryň deň derejede täsirli çykyş edendigini görkezdi, ýöne Trampyň pikirleriniň has ynandyryjy bolandygy aýan boldy. CNN-iň geçiren pikir soralyşyklarynda halk köpçüliginiň 33 göterimi Baýdeni, 67 göterimi bolsa, Trampy goldady. Teleçekişmäniň ikinji tapgyry 10-njy sentýabrda ABC teleýaýlymynda geçiriler.

ABŞ-da Prezident saýlawlary 5-nji noýabrda geçiriler. Tramp eý-




ýäm respublikaçylar tarapyndan döwlet Baştutany wezipesine dalaşgär hökmünde hödürlenmegi üçin zerur bolan delegat seslerine eýe boldy. Ikinji möhlete dalaş edýän Baýden hem demokratik partiýa tarapyndan ýeterlik mukdarda delegatlaryň goldawyny aldy.

# PARLAMENT SAÝLAWLARY GEÇIRILER

Azerbaýjanyň Prezidenti Ilham Aliýew Milli mejlisi ýatyryp, kanun çykaryjy edara möhletinden öňki saýlawlary 1-nji sentýabra belledi. Degişli karar Prezidentiň saýtynda mälim edildi.

«Azerbaýjan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 98.1-nji maddasynyň birinji bölümine we 109-njy maddasynyň 1-nji bölümine esaslanyp, Azerbaýjan Respublikasynyň Milli mejlisiniň altynjy çagyrylyşyny ýatyrmak barada karar kabul etdim. 2024-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda Azerbaýjan Respublikasynyň Milli mejlisine nobatdan daşary saýlawlary geçirmegi meýilleşdirmeli» diýlip, resminamada bellenilýär.



21-nji iýunda Azerbaýjanyň mejlisi şu ýylyň noýabr aýynda geçiriljek nobatdan daşary parlament saýlawlaryny iki aý öňe süýşürmek başlangyjy bilen Prezidente ýüz tutdy. Süýşürmek zerurlygy, BMG-niň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasyna (COP29) gatnaşyjylaryň maslahatynyň 29-njy mejlisiniň 11-nji noýabrdan 22-nji noýabr aralygynda Azerbaýjanda geçiriljekdigi bilen baglanyşykly ýüze çykdy.

Azerbaýjanyň Konstitusiýasy boýunça parlamenti ýatyrmak we saýlawlary bellemek hukugy Prezidente degişlidir. Azerbaýjanyň parlamentiniň 125 deputaty bar, olar ählumumy we göni saýlawlar arkaly bäş ýyl möhlet bilen saýlanýar.

# DOLANDYRYJY PARTIÝA ÝEŇIŞ GAZANDY

2016-njy ýyldan bäri häkimiýet başyndaky Mongol halk partiýasy 28-nji iýunda ýurduň Beýik Huralyna (parlamentine) geçirilen saýlawlarda ýene-de sesleriň köpüsine eýe boldy. Bu barada umumy saýlaw toparynyň maglumat merkezi habar berdi.

Parlament saýlawlarynyň netijeleri sekiz ýyl bäri häkimiýetdäki Halk partiýasynyň 500 müň 123 ses alandygyny görkezdi. Ikinji orunda 429 müň 456 sese eýe bolan esasy Demokratik partiýa gelýär. Zähmet milli partiýasy 146 müň 665 ses bilen üçünji orny eýeledi. Şeýlelik bilen, bu üç partiýa mažoritar ulgam boýunça parlamentiň täze çagyryşynda 78 orun alar. Ilki bilen Halk partiýasy 50, Demokratlar 26, Zähmet partiýasy iki orun alar.



Mongoliýada geçirilen saýlawlarda jemi 21 partiýadan we koalisiýadan 1 müň 336 dalaşgär mejlisdäki 126 orun üçin bäsleşdi. Geçen ýyl Konstitusiýa girizilen üýtgetmelere laýyklykda, ýurduň syýasy durnuklylygyny artdyrmak maksady bilen orunlaryň sany 126-a ýetirildi. Daşary ýurtlarda ýaşaýan mongollar hem saýlawlara gatnaşdylar. Şu ýyl 13 müň 95 mongol ses bermek üçin hasaba alyndy. Bu ýurtda 3 million 400 müň töweregi ilat ýaşaýar. Mongoliýa parlament häkimiýeti bolup, ýurduň Premýer-ministrini Prezident däl-de, saýlawlarda ýeňiş gazanan partiýa belleýär. Şol bir wagtyň özünde, 2022-nji ýylyň tomsunda kabul edilen ýurduň Konstitusiýasyna girizilen iň soňky düzediş ähli ministrlere bir wagtyň özünde parlament agzasy bolup işlemäge mümkinçilik berýär.

# Ýewropa Bileleşiginiň täze Liderleri

27-nji iýunda Ýewropa Geňeşiniň sammiti Ursula fon der Lýaýeni (Germaniýa) Ýewropa Komissiýasynyň başlygy wezipesine ikinji möhlete hödürlemek kararyna geldi. Ýewropa Geňeşiniň başlygy Şarl Mişel bu maglumatlary sosial ulgamda tassyklady. Şeýle hem Portugaliýanyň öňki Premýer-ministri Antoniu Koştany Ýewropa Geňeşiniň başlygy we Estoniýanyň Premýer-ministri Kaýa Kallasy Ýewropa Bileleşiginiň daşary syýasat edarasynyň başlygy wezipesine saýlamak barada ylalaşyk gazanyldy.

– Men öz borçlaryma çuňňur düşünmek bilen, Ýewropa Geňeşiniň indiki başlygy bolmak jogapkärçiligini kabul edýärin – diýip, A. Koşta X jemgyýetçilik torunda belledi. Ol Ýewropa Bileleşigine agza 27 ýurduň arasynda agzybirligi berkitmäge doly ygrarlydygyny we sammitde tassyklanan geljek bäş ýyl üçin strategik meýilnamany durmuşa geçirmäge ünsüni jemlejekdigini belledi.

«Italiýanyň Premýer-ministri Jorja Meloni bolsa, Koştanyň we Kallasyň bellenmegine garşy ses berdi we fon der



Lýaýeniň gaýtadan saýlanmagyndan saklandy. Wengriýanyň Premýer-ministri Wiktor Orban Ursula fon der Lýaýene garşy ses berdi, Koştany goldady we Kallasyň bellenmeginden bolsa, saklandy» diýip, «Euronews» diplomatik çeşmelere salgylanyp, habar berdi.

# 40 milliard ýewrolyk şertnama

**29-30-njy iýunda Müsürde «EU-Egypt» görnüşindäki iki günlük maýa goýum forumy geçirildi. Forumyň dowamynda Ýewropa kompaniýalary Müsür tarapy bilen umumy bahasy 40 milliard ýewrodan gowrak bolan şertnama baglaşdy. Bu barada Ýewropa Komissiýasynyň başlygy Ursula fon der Lýaýen mälim etdi. Fon der Lýaýen şertnamalaryň dürli pudaklary öz içine alýandygyny aýtdy.**

**Şeýle hem fon der Lýaýen Müsüriň Prezidenti Abdul-Fattah Halil As-Sisi bilen hem gepleşik geçirdi.**

**– Bu maslahatda Ýewropa kompaniýalary müsürli hyzmatdaşlar bilen umumy bahasy 40 milliard ýewrodan gowrak bolan 20-den gowrak täze şertnama ýa-da özara düşünişmek hakyndaky Ähtnama gol çekdiler. Bu ýerde gurluşyk, himiýa senagaty, gämi gatnawy, awiasiýa we awtoulag gurluşygy, wodorod, suw gorlary ýaly dürli pudaklar boýunça kompaniýalaryň wekilleri bar – diýip, Ýewropa Komissiýasynyň başlygy aýtdy. Şeýle hem ol Müsüriň «arassa energiýa merkezine öwrülmek baradaky ägirt uly maksadyny» belläp, «ýaşyl» energiýa we sanly okuwlar üçin maýa goýumlaryna ünsi çekdi.**



**Iki gün dowam eden maslahat mart aýynda fon der Lýaýen we As-Sisi tarapyndan ylalaşylan Müsüriň hem-de Ýewropa Bileleşiginiň strategik we hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlygynyň bir bölegidir. Bu ylalaşyk syýasy gatnaşyklary, ykdysady durnuklylygy, maýa goýumlaryny we söwdany, şeýle hem migrasiýa we howpsuzlyk meselelerini öz içine alýar.**




# ŞHG-niň sammiti geçirildi

3-4-nji iýulda Astanada «ŞHG+» görnüşinde 16 ýurduň döwlet we hökümet Baştutanlarynyň gatnaşmagynda Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň sammiti geçirildi. Bu syýasy çärä Gazagystan, Hindistan, Eýran, Hytaý, Gyrgyzystan, Pakistan, Russiýa, Täjigistan, Özbegistan, Belarus, Mongoliýa, Azerbaýjan, Katar, BAE, Türkiýe we Türkmenistan ýaly ýurtlaryň ýokary derejeli döwlet ýolbaşçylary hem-de BMG-niň we ŞHG-niň Baş sekretarlary gatnaşdy.

«Köptaraplaýyn gepleşikleri güýçlendirmek: durnukly parahatçylygy hem-de ösüşi gözlemek» şygary bilen guralan sammitiň gün tertibinde möhüm halkara we sebit meselelerine garaldy.

Liderler durnuklylygy üpjün etmek üçin, esasan, halkara söwdasyna we ykdysadyýetine aýratyn üns gönükdirdiler. Şeýle hem sebit howpsuzlygy, infrastruktura, energiýa, daşky gurşaw, saglygy goraýyş, syýahatçylyk, bilim, sanlylaşdyrmak, ulag we logistika meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Sammitiň netijesinde Astana Jarnamasy, şeýle hem «ŞHG-niň 2035-nji ýyla çenli ösüş strategiýasy» we «2030-njy ýyla çenli ŞHG-niň energiýa hyzmatdaşlygyny ösdürmegiň strategiýasy» ýaly dürli ugurlarda 20-den gowrak resminama gol çekildi.

Sammitiň möhüm temalarynyň biri terrorçylyga garşy göreş meselesi boldy. Çärede «2025 – 2027-nji ýyllar üçin döwürde terrorçylyga, separatizme we ekstremizme garşy göreşde hyzmatdaşlyk maksatnamasyna» we «ŞHG-niň 2024 – 2029-njy ýyllar üçin döwürde neşe serişdelerine garşy strategiýasyna» garaldy. Şeýle-de, Belarusuň ŞHG-ä doly agza bolmagy baradaky karar kabul edildi. Sammitden soň ŞHG-niň başlyklygy Gazagystandan Hytaýa geçdi.

Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy 1996-njy ýylda ilkinji gezek Şanhaýa ýygnanan Russiýanyň, Hytaýyň, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň we Täjigistanyň liderleri tarapyndan esaslandyryldy.

## TARYHDA ŞU GÜN

**1924-nji ýylyň 5-nji iýulynda Parižde VIII tomusky Olimpiýa oýunlaryna badalga berilýär. Şeýlelik bilen, Pariž Olimpiýa oýunlaryny iki gezek geçiren ilkinji şäher bolýar. Birinji gezek 1900-nji ýylda geçirilýär. 27-nji iýula çenli dowam eden Olimpiýa oýunlarynda 44 ýurtdan 3 müň 92 türgen, şol sanda 136 zenan bäsleşip, gatnaşanlaryň sany boýunça rekord goýulýar.**




# DAŞKY GURŞAWYŇ GORAGYNDA

**Londondaky Energetika instituty halkara guramasynyň ýyllyk hasabatyna görä, geçen ýyl atmosfera kömürturşy gazynyň global zyňyndylary rekord derejä ýetip, 40 milliard tonnadan geçipdir. Hünärmenler muny gazylyp alynýan ýangyjyň sarp edilişiniň ýokary möçberleri bilen baglanyşdyrýarlar.**

**Ekologik däl energiýa çeşmelerine bolan isleg, täzelenip bilýän energiýa çeşmeleriniň meşhurlygyna garamazdan, ösmegini dowam etdirýär. Şeýlelik bilen, 2023-nji ýylda uglewodorodyň sarp edilişi 505 eksajoula ýetdi. Kömür sarp edilişiniň ösüşi**




**1,6 göterim, nebit 2 göterim boldy. Soňky hasaplamalara görä, dünýäde her gün 100 million barrel gara altyn sarp edilýär.**

**Şeýle hem neşir Hindistanda gazylyp alynýan energiýanyň sarp edilişini 8 göterim ýokarlandyryp, umumy energiýa sarp edilişiniň 89 göterime ýetendigini belleýär. Şol bir wagtyň özünde Hindistan Demirgazyk Amerika bilen Ýewropany bilelikde alanyňda hem has köp kömür sarp edýär. Ýewropanyň özünde uglewodorodlaryň sarp edilişiniň paýy 70 göterimden aşak düşdi. Senagat rewolýusiýasynyň başyndan bäri bu ýerde beýle ýagdaý bolmandy.**

**9 ýyl ozal, 2015-nji ýylyň dekabrynda Pariž şertnamasyna gol çekilip, ylalaşyga gatnaşyjy ýurtlar howanyň üýtgemegine garşy göreşmek maksady bilen ýakyn onýyllyklarda $CO_2$ zyňyndylaryny azaltmaga borçly edildi. Şeýle hem, Pariž şertnamasyna gatnaşýan ýurtlar tokaýlary döretmek we $CO_2$-ni özüne siňdirýän beýleki ekoulgamlary dikeltmek boýunça meýilnamalaryny taýýarlaýarlar.**

**BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterreşiň pikiriçe, dünýä jemgyýetçiligi, 2019-njy ýyl bilen deňeşdirilende, 2030-njy ýyla çenli howa goýberilýän zyýanly gazlary 43 göterim azaltmaga tagalla etmeli.**

# BALI ADASY – tebigy gözellikleriň mekany



Ýaş çatynjalardan we syýahatçylardan «Dynç almak üçin iň meşhur ýer nire?» – diýlip soralanda: «Elbetde, Bali adasy» diýip jogap berýärler. Tebigy gözellikleriň mekany bolan Bali adasy Indoneziýa degişli bolup, Malaý arhipelagynda ýerleşýär. Hindi we Ýuwaş ummany bilen ýuwulýan bu adanyň tutýan meýdany 5 müň 780 inedördül kilometr bolup, adybir welaýatyň merkezinde Denpasar şäheri bar. Romantikleriň adasy 1980-nji ýyllardan soň ýurduň iň meşhur syýahatçylyk merkezine öwrülýär. Bali adasy diňe bir owadan deňiz kenarlary, gür tokaýlyklary, täsin haýwanat dünýäsi bilen tanalman, eýsem, milli we döwrebap tanslary, heýkeltaraşlyk, suratkeşlik sungaty, deri we metal işläp bejermek hem-de ösen aýdym-saz sungaty bilen hem meşhurdyr. Indoneziýanyň halkara film festiwaly hem her ýyl Balide geçirilýär.



Baliniň demirgazyk we gündogar kenarýakasyndaky çägelikler gara reňkli bolup, wulkanlaryň sebite ýaýramagy bilen emele gelipdir. Bali adasy «Müň ybadathana adasy», «Taňry adasy» diýlip hem atlandyrylýar. Sebäbi ekzotik adada, takmynan, 10 müňden gowrak ybadathana bar. Şolaryň arasynda Lempuýang Luhur (Jennetiň derwezesi) ybadathanasy iň meşhury bolup, bu ybadathana soňky ýyllarda syýahatçylaryň iň gelim-gidimli ýerleriniň birine öwrüldi. Aslynda jemgyýetçilik mediýada mahabaty ýetirilýän bu ybadathana kölüň içinde ýerleşmeýär. Kölüň içindäki ybadathananyň suraty ýörite taýýarlanýar. Balidäki ähli ybadathanada swastika nyşanyny görmek bolýar. Nyşanyň ady sanskrit dilindäki «swastika» sözünden gelip çykyp, Balide «hoşniýetlilik, hoşniýetli zat» diýen manyda ulanylýar.

Ýaşyl adanyň 4 milliondan gowrak ilaty bar. Baliniň ýaşaýjylarynyň esasy käri balykçylyk we senetçilik bolup, syýahatçylyk ösen pudak hasaplanýar. Adada täsin däp-dessurlar hem berjaý edilýär. Baliniň özboluşly Täze ýyl baýramçylygy bolan Nýepi güni Saka senenamasyna laýyklykda mart aýynda bellenilip geçilýär. Nýepi gününde 24 sagat dymyşlyk yglan edilýär. Hiç kim birek-birek bilen gepleşmeýär. Hatda şol gün Bali adasyna girmek we çykmak hem gadagan. Ýaşyl adalylaryň ynanjyna görä, Nýepi güni ümsümligiň we parahatçylygyň nyşany hasaplanýar.

Şeýle hem dynç almaga barýan syýahatçylara adadaky islendik ybadathana girmek üçin sarong (bedeniňi örtýän uzyn ýapynja) geýmegi haýyş edilýär. Bu ýerdäki düzgünlere görä ybadathana barýanlaryň egni ýapyk bolmaly. Bu düzgünler Bali adasynda ýaşaýanlaryň ata-babalaryna goýýan hormaty diýlip hasaplanýar. Bali adasyna her ýyl 5 million töweregi syýahatçy barýar.

# Atyryň zaýalanandygyny nädip bilmeli?

**Parfýumeriýa önümleri gündelik durmuşda giňden ulanylýan serişdeler bolup, ys berijileriň ulanylyş düzgünlerini bilmek esasy şertleriň biridir. Esasan hem, howanyň gyzgyn günleri atyryň saklanyş we ulanylyş düzgünlerine ünsli çemeleşmeli. Ýagny haýsy atyry haçan we nähili ýagdaýda sepinmeli, howa şertine görä haýsy atyry saýlamaly? Şeýle hem atyryň gapagyny açanymyzdan soň näçe wagt ulanyp bileris? Geliň, atyr ulananymyzda üns bermeli ýagdaýlar bilen tanyş bolalyň!**

**Ysyň peselmegi.** Parfýumeriýa serişdeleri gymmatly şahsy ideg önümi bolup, her kim öz halaýan ysyna görä atyr saýlaýar. Käbir atyr açylandan soň ýuwaş-ýuwaş ysyny ýitirip ugraýar. Atyryň özüne çekijiliginiň peselmegi, onuň zaýalanandygynyň ilkinji alamatydyr. Atyry kagyzyň üstüne sepiň we az salym ýelpäniňizden soň, ysgap görüň! Eger burnuňyza başdaky ýaly hoşboý ys gelse, onda atyry ulanybermeli. Egerde ýakymsyz ys burnuňyza ursa ýa-da hiç hili ys almasaňyz, onda atyryň zaýalanandygy. Mundan başga-da, atyryň zaýalanyp ugrandygyny bilmegiň birnäçe usuly bar.

**Ulanylyş möhletiniň geçmegi.** Ilki bilen saýlan atyryňyzyň ulanylyş möhletine üns bermeli.



Köpler ýeňil ysly atyry gowy görse, käbir adamlar agyr yslary halaýarlar. Şeýle-de, güllerden ýasalýan atyrlary halaýanlar hem az däl. Haýsy görnüşde atyr saýlanýandygyna garamazdan, bellikde görkezilen seneler aralygynda ulanmaga üns bermeli.

**Reňkiniň üýtgemegi.** Zaýalanan atyr köplenç reňkini üýtgedýär. Atyryň reňkiniň garalmagy ýa-da çüýşäniň içinde buguň emele gelmegi ys berijiniň zaýalanandygynyň alamatydyr. Zaýalanan atyryň reňki köplenç garalýar ýa-da sary bolýar.

**Ýalňyş ýerde saklanmagy.** Parfýumeriýa serişdeleriniň ýaramlylyk möhleti adatça 3 ýyldan 5 ýyla çenli. Şeýle-de bolsa, parfýumeriýa serişdeleriniň nähili ýagdaýda saklanýandygy ys berijileriň ulanylyş möhletine täsirini ýetirýär. Atyry Gün şöhlesiniň düşýän ýerinde, otag temperaturasynyň üýtgäp durýan ýerinde ýa-da çygly ýerlerde saklamaly däl. Atyry ýalňyş ýerde, üýtgäp duran şertde saklamak çalt zaýalanmagyna täsir edýär.

### ATYRY NÄHILI SAKLAMALY?

Parfýumeriýa serişdelerini garaňky we salkyn ýerde saklamaly. Açylan atyry 18 aý ulanyp bolýar. Ondan soňra atyryň köpüsi ysyny ýitirip başlaýar. Her gezek ulanylandan soň atyryň gapagyny berk ýapmaly. Hammamda atyr saklamaly däl. Atyry özüniň kagyz gutusynda saklamak daşky täsirden goramaga ýardam edýär. Şeýle hem parfýumeriýa serişdelerini az-azdan satyn almaly. Birbada birnäçe atyr ulanmak, ys berijileriň çalt zaýalanmagyna sebäp bolýar. Iň gowusy halaýan atyryňyzdan bir-iki sanysyny satyn alyp, çalt-çaltdan çalşyp durmakdyr.

# Durmuşda goýberilýän ýalňyşlyklar

**Ýalňyşlyklar we kemçilikler durmuşda adama köp zady öwrenmäge, özüňi kämilleşdirmäge ýardam berýär. Ýalňyşlyklar adamy taplaýar we güýçlendirýär. Ýalňyşlyk goýbermek adamyň ejizlemegi ýa-da kemçiligi bolman, onuň täze zatlary öwrenmeginiň we kämil şahsyýet bolup ýetişmeginiň açarydyr. Megerem, durmuşda ýalňyşlyk goýbermedik ynsan ýok bolsa gerek. Geliň, durmuşda goýberilýän käbir säwliklere göz aýlalyň!**

**Özüňi tanamazlyk.** Ýalňyşlyklaryň köpüsi köplenç özüňi tanamazlykdan goýberilýär. Kimdir biriniň göwnüne degilýär, äsgermezçilik edilýär. Özüňi üýtgeşik hasaplap, berilýän öwüt-ündewler diňlenilmeýär. Käte ýeke galyp, özüň barada pikir ýöretmeli. Öz başarýan we başarmaýan zatlaryňy saýgarmaly. Kim bilen nähili özüňi alyp barýandygyň barada pikirlenmeli. «Özüni tanan weli» diýlişi ýaly, özüňi tanamak özgelere hormat goýmaga, özüňi kämilleşdirmäge we bagtly durmuşa ýetmäge mümkinçilik berýär.

**Başgalara düşünmezlik.** Daş-töweregiňdäkiler barada ýalňyş pikir etmek, ýagny olara düşünmezlik goýberilýän ýalňyşlyklaryň ýene biridir. Ýakynlaryňa, dostlaryňa, bile işleýän kärdeşleriňe düşünjek bolmaly. Olaryň hal-ýagdaýyny soramaly, olar bilen gowy gatnaşykda bolmaly. Iş ýüzünde ýa-da şahsy bähbitler üçin töweregiňdäkileriň ýagdaýyna düşünmän, göwnüne degmeli däl. Islendik zadyň sebäbiniň bolşy ýaly, ilki wakanyň ýa-da ýüze çykan ýagdaýyň anygyna ýetmeli. Başgalara düşünmek we olaryň hal-ýagdaýyny soramak adamlary ysnyşdyrýar, birek-birege bolan hormaty artdyrýar.

**Köpçülige goşulmazlyk.** Köpçülikden özüňi uzakda tutmak halanylmaýan häsiýetleriň biri bolup, adam ýeke galyp köp zady ýitirýär. Esasan hem, şol bilýän zatlaryň bilen ýaşamak adamyň köp ýalňyşlyk goýbermegine sebäp bolýar. Köpçülige goşulmak, olardan täze zatlary we edim-gylymlary öwrenmek, köpçüligiň terbiýesini almak ýalňyşlyklary düzetmegiň hem-de kämilleşmegiň iň gowy usulydyr.

**Duýgulara aşa bil baglamak.** Köpler hyýaly dünýäde arzuwlary bilen ýaşamagy gowy görýär. Hyýalyndaky zatlara garaşýar, şolary ýerine ýetirip görjek bolýar. Duýgulara aşa bil baglamak köplenç yzyna gaýtaryp bolmajak ýalňyşlyklara sebäp bolýar. Duýguçyl bolmak adamyň saglygyna hem täsirini ýetirýär. Şol sebäpli duýgulary hakykat bilen baglanyşdyrmaga endik etmeli.

**Maşgala gurmakdan saklanmak.** Bilermenleriň bellemegine görä, ýaşlaryň aglaba bölegi nikalaşmakdan gorkýar. Bu ýerliksiz gorky ýekelige öwrenişmek bilen bagly bolup, kimdir birine baglanýarsyň, erkinligiň eliňden gidýär diýen ýalňyş düşünjeleriň döremegine sebäp bolýar. Maşgala gurmak adamy geljege ruhlandyrýar. Maşgala adamyň öýi we ojagy bolup, bu mukaddesligi berjaý etmek her bir ynsanyň borjy hasaplanýar.

**Söýginiň nämedigini ýatdan çykarmak.** Söýmeýän adamlar durmuşda köp ýalňyşlyk goýberýär. Söýgi ata Watandan, ene toprakdan başlap, özüňden bolan zürýatlaryňa çenli dowam edýär. Ýagny Watana söýgi, ata-eneňe söýgi, durmuşa söýgi, ýakynlaryňa söýgi... Adam durmuşa söýgi bilen seredende özüni has bagtly duýýar. Işleri rowaçlanyp, täze üstünliklere ýetýär.

## ÇAGALAR

**Topar bolup ýaşaýan gykylykçy maýmynlaryň sesini 5 kilometrden eşidip bolýar.**

# MÖR-MÖJEK IÝÝÄN TÄSIN ÖSÜMLIKLER

**Käbir ösümlikleri mör-möjekler ýa-da beýleki haýwanlar iýmeýär, olaryň özleri mör-möjekler bilen iýmitlenýär. Siňekdir arylar bilen iýmitlenýän otlar barada ozal hem eşiden bolsaňyz gerek. Ýer ýüzünde mör-möjek iýýän ösümlikleriň 700-den gowrak görnüşi bar. Olaryň käbiri barada gysgaça maglumaty körpe okyjylarymyzyň dykgatyna ýetirýäris.**



**KÜÝZE ÖSÜMLIGI.** Küýze şekilli gozasy bolan bu täsin ösümlikler diňe ownuk mör-möjekleri däl, eýsem, gurbagalary hem awlaýar. Bu ösümligiň gülleri gurbaganyň aýaklarynyň diňe hamyny siňdirip bilmeýär. Bu ösümligiň 100-e golaý görnüşi duş gelýär.

**SIŇEK GAPANY.** Bu ösümligiň gysgyja meňzeş ujy dişli ýapraklary bolup, siňekleri we beýleki mör-möjekleri duzaga düşürýär. Açylyp-ýapylýan ýapraga giren mör-möjekler näçe hereket etse-de, bu ösümlikden halas bolup bilmeýär.





**KEPJEBAŞ LILIÝASY.** Ösümligiň üsti ýapyk egri gozalaryna giren jandar yzyna çykyp bilmeýär. Gozanyň aňyrsy görünýän aýna ýaly dury ýeri bolup, şondan çykmaga synanyşýan siňek barha aşak çümýär.

**ÝAGLY ÝAPRAJYK.** Bu ösümlige latynça «kiçijik ýagly» diýmegi aňladýan «pinguicula» diýilýär. Daşyndan seredilende semzege meňzeýän otuň ýapraklarynda ýukajyk ýelimli tüýjagazlar bar. Oňa ýelmeşen mör-möjegiň halas boljak gümany ýok.





**MAÝMYN KÄSESI.** Madagaskarda, Günorta-Gündogar Aziýada we Awstraliýada bu ösümligiň 140-dan gowrak görnüşi bar. Ösümligiň ady maýmynlaryň onuň içindäki suwuklygy içýänligi sebäpli dakylypdyr. Bu ösümlik kiçijik gurçuklar we liçinkalar bilen iýmitlenýär.

**AWSTRALIÝA ROSÝANKASY.** Esasan, batgalyk ýerlerde bitýän bu otuň ýapraklaryndaky ýagyş damjalaryna meňzeş suwuklyklar suwsan möjejikleri özüne çekýär. Emma bu damjalar ýelim ýaly bolup, gonan aryny sypdyrmaýar.



# Gykylykçy maýmyn

**Ýabany tebigatda janly-jandarlaryň 9 million töweregi görnüşi ýaşaýar. Şolaryň arasynda maýmynlar daşky keşbi we hereketleri bilen adamlaryň ünsüni has-da özüne çekýär. Ýer ýüzünde maýmynlaryň 160-dan gowrak görnüşi duş gelýär. Agaçda ýaşaýan bu jandarlar adamsypat maýmynlar we primatlar diýen iki uly topara bölünýär.**



**Maýmynlaryň «atelidae» maşgalasyna degişli alouatta maýmynlary güýçli sesi bilen beýlekilerden tapawutlanýar. Gykylykçy maýmynlar iýmitlenmek, birek-birek bilen habarlaşmak üçin çirkin ses çykarýarlar.**

**Meksikadan Demirgazyk Amerika çenli aralykdaky tokaýlarda ýaşaýan bu maýmynlaryň göwresi kiçijik bolup, ujy egrelip duran uzyn guýrugy bar. Guýrugy bilen agaçlara ýapyşyp bilýän bu maýmynlar sary, gara, goňur reňkde bolýarlar. Agramy 5-11 kilogram aralygynda bolup, boýy 50-70 santimetre ýetýär.**

**Topar bolup ýaşaýan bu maýmynlaryň sesini 5 kilometrden eşidip bolýar. Gykylykçy maýmynlaryň her toparynda 10-15 agza bolup, her topar 20-30 gektar meýdan aralygynda ýaşaýarlar. Bu maýmynlaryň öz aralaryndaky düzgüne görä, bir toparyň ýaşaýan meýdanyna beýleki topara girmek gadagan edilýär.**

**Alouatta maýmynlary islendik möwsümde köpelip bilýärler. Bu maýmynlarda her jübütde bir çaga maýmyn bolup, ene maýmyn çagasyny 12 aý süýt bilen ekleýär. Kiçijik maýmynjyk 3 ýaşynda kämillik ýaşyna ýetýär. Alouatta maýmynlary 20 ýyl töweregi ýaşaýar. Ösümlikleriň köpelmegine ýardam edýän bu jandarlar miwedir ösümlikleriň tohumy, ýapraklar bilen iýmitlenýärler.**

## MAÝMYNLAR BARADA GYZYKLY MAGLUMATLAR



- ☑ Maýmynlaryň biri-biriniň hapalaryny aýyrmagyny biz arassaçylyk kadasy hökmünde görýäris. Aslynda bu ýagdaý maýmynlarda biri-birine bolan mähriň we söýginiň alamaty.
- ☑ Maýmynlaryň iň kiçi görnüşi «pygmy marmosets» bolup, boýy 300 millimetrden, agramy 100 gramdan geçmeýär.
- ☑ «Gyzyl burunly maýmyn» adyny alan mandrillsi has uzakdan saýgaryp bolýar. Maýmynyň bu görnüşi Günbatar Afrikanyň merkezi tropik tokaýlarynda ýaşaýar.
- ☑ Bald uakari gyzyl ýüzi bilen tanalýar. Alymlaryň pikiriçe, bu maýmynlaryň ýüzi näçe ýagty boldugyça, şonça-da sagdyn bolýar.
- ☑ Kapuçin maýmynlary daş gurallary ulanyp, hozdur miweleriň şäniklerini döwüp bilýärler. Maňyz iýýän bu maýmynlar irki döwürlerden bäri daş gurallary ulanyp gelýärler.



10 tapawudy tapyň!

Sanlary birleşdiriň we şekili reňkläň!



Labirint





Gyzykly pursat

# EURO 2024-de 1/8 finalyň duşuşyklary

**Yzly-yzyna 3-nji gezek soňky çempion çärýek finala çykyp bilmedi**

«A» hem-de «B» toparçada ikinji orny eýelän degişlilikde, Şweýsariýa bilen soňky çempion Italiýanyň ýygyndylary duşuşdy. Finalyň geçiriljek stadionynda oýnalan duşuşykda şweýsarlar 2-0 hasabynda ýeňiş gazandy. Italýanlary taryhynda 9-njy gezek ýeňen şweýsarlaryň gollaryny 37-nji minutda Remo Froýler hem-de 46-njy minutda Ruben Wargas geçirdi. 1-nji golda şweýsariýaly futbolçylar 31 gezek özara paslaşyp, çempionatyň rekordyny täzelediler. Şeýlelikde, Şweýsariýanyň ýygyndysy soňky çempion Italiýanyň ýygyndysyny 2-0 hasabynda ýeňip, ýaryşdan çykardy. Ýewropa çempionatynda bassyr 3-nji gezek soňky çempion 1/8 finalda utulyp, öýlerine dolandy. 2016-njy ýylda 1/8 finalda çempion Ispaniýany Italiýa, 2020-nji ýylda Portugaliýany Belgiýa, 2024-nji ýylda-da Italiýany Şweýsariýa ýeňip, ýaryşdan çykardy. Şweýsariýa soňky gezek Italiýany 1993-nji ýylda ýeňip, 11 oýundan bäri garşydaşyny utup bilmän gelýärdi. Italiýanyň ýygyndysy soňky 5 ýaryşda ilkinji gezek çärýek finala çykyp bilmedi.

* * *

Dortmunddaky «Westfalen» stadionynda oýnalan Germaniýa – Daniýa duşuşygy wakalara baý boldy. Ilkinji minutlarda Şlotterbegiň geçiren goly derwezeçiniň garşysyna oýnuň düzgüniniň bozulandygy nazarda tutulyp, emin tarapyndan hasaba alynmady. Duşuşygyň emini Maýkl Oliwer oýnuň 35-nji minutynda ýagyş ýagyp, ýyldyrymyň çakyp başlamagyndan soň oýny togtatdy. Şol pursatda-da wagtal-wagtal jöwenek hem ýagyp, ýagyş hasam güýçlendi. 1 sagada golaý wagtdan soň duşuşyk täzeden başlandy. Oýnuň 48-nji minuty duşuşygyň ykbalyny kesgitlän pursat boldy. Daniýaly goragçy Anderseniň goly millimetrlik hasaplamalara görä, ofsaýt diýlip hasaba alynmady. Sähel salymdan soň, Germaniýanyň hüjüminde top şol Anderseniň eline degendigi VAR tarapyndan baş emine duýduryldy. Oliwer hem şol pursada ekrandan seredip, penalti urgusyny belledi. Ony-da Kai Hawerts dürs urup, hasaby açdy. Duşuşygyň 68-nji minutynda-da Jamal Musiala toparynyň 2-nji goluny derwezä girizdi. Galan pursatlarda-da hasap üýtgemedi we Germaniýanyň ýygyndysy çempionatyň çägindäki 30-njy ýeňşini gazanyp, çärýek finala çykdy.

**Iňlisleri Bellingamyň üstaşyr goly halas etdi**

Ýewropa çempionatynda çempion Italiýadan soň wise-çempion Angliýa hem tasdan öýüne dolanýardy. Gelzenkirhende 1/8 finalyň çäginde Slowakiýa bilen duşuşan iňlisler soňky sekuntlarda ýeňlişden halas bolup, ýaryşda galmagy başardy. Slowakiýanyň ýygyndysy 25-nji minutda Iwan Şransyň goly bilen öňe saýlandy. Ol çempionatdaky 3-nji goluny geçirip, toparyny 3-nji duşuşykda-da öňe çykardy. Galan minutlarda iňlisler gysyş görkezmäge synanyşdy, slowaklar bolsa garşylyklaýyn hüjümler bilen oýnady. Bu duşuşyk düzümindäki ýyldyzlara garamazdan, owadan, hüjüme baý oýun görkezip bilmeýän Angliýada tälimçi Garet Sautgeýtiň soňky oýny bolup bilerdi. Ýöne ýyldyz oýunçylara iň aýgytlaýjy pursatlarda ýüze çykýandygy üçin, iň kyn pursatlarda baş alyp çykýandygy üçin ýyldyz diýilýär. Eminiň goşan 6 minutynyň soňky 1,5 minuty galanda, burçdan ýerine ýetirilen urguda Altyn top baýragynyň nobatdaky eýesi hökmünde görülýän Jud Bellingam topy üstaşyr ýagdaýda derwezä gönükdirip, toparyny ýaryşda alyp galdy. Bu iňlisleriň şu duşuşykda derwezä urlan ilkinji takyk urgusy boldy. 90+5-nji minutda geçirilen bu goldan soň motiwasiýa babatda özüni dürsän iňlisler moral taýdan janlandylar we goşmaça wagtyň hem ilkinji minutlarynda öňe saýlandy. Bu goly oýna soň goşulan 2 futbolçynyň goşandy bilen Harri Keýn derwezä girizdi. Bu onuň milli topardaky 65-nji, şol sanda şu möwsümde umumylykda 51-nji goly hökmünde hasaba alyndy.

Şeýlelikde, futbol häzirlikçe watanyna dolanman, içgysgynç oýnuna garamazdan, iňlisler kynlyk bilenem bolsa çärýek finala çykyp, azyndan 6-njy iýula çenli Germaniýada galmagy başardy.

Ilkinji gezek agza-burna gelen çärýek finala çykmak mümkinçiligini elden gideren slowaklara ýene bir ýola uly ýaryşda iň gowy 8 toparyň arasyna düşmek başartmady.

**Gruzinler öňe saýlansa-da, ispanlar uly hasap bilen ýeňiş gazandy**

Taryhyndaky ilkinji gezek gatnaşýan ýaryşynda toparçadan çykmagy başaran Gruziýanyň ýygyndysy 1/8 finalda Ispaniýa bilen duşuşdy. Turuwbaşdan ispanlar oýnuň jylawyny ele alan hem bolsalar, hasaby gruzinler açdy. Has takygy, oýnuň 18-nji minutynda garşylyklaýyn hüjümde jerime meýdançasynyň içine geçirilen topy Le Norman ýalňyşlyk bilen öz derwezesinden girizdi. Şondan soň hüjümleriniň sanyny hasam artdyran ispanlar 1-nji ýarym tamamlanmanka, Rodriniň goly bilen hasaby deňledi. 2-nji ýarymyň başynda-da Fabian Ruiziň goly esasynda öňe geçen ispanlar soňky 15 minutda-da aratapawudy 3 gola çykardylar. 75-nji minutda Niko Williamsyň, 83-nji minutda-da Dani Olmonyň gollaryndan soň 4–1 hasabynda ýeňiş gazanan ispanlar çärýek finala çykdy.

**Ýene-de awtogol bilen ýeňiş gazandy**

Fransiýa bilen Belgiýanyň arasyndaky oýunda ýeňijini ýeke-täk gol kesgitledi. Çekeleşikli geçen oýnuň 1-nji ýarymynda hasap açylmady. 2-nji ýarymyňam soňky 5 minutynda hasap açylyp, Fransiýanyň ýygyndysy awtogolyň kömegi bilen çärýek finala adyny ýazdyrdy. Şol awtogol bolsa 85-nji minutda hasaba alnyp, oýna 62-nji minutda giren Kolo Muaniniň batly urgusynda top Ýan Wertongeniň aýagyna degip, derwezä girdi. Şunlukda, bu awtogol fransuzlaryň ýoluny dowam etdirmegi üçin ýeterlik boldy. Toparçalardaky 1-nji duşuşygynda-da awtogol bilen ýeňiş gazanan Fransiýanyň ýygyndysy çärýek finala çenli jemi 3 gol geçirdi. Şolaryň 2-si awtogol bolup, beýlekisini-de Mbappe penaltiden saldy. Şol bir wagtyň özünde bu gol çempionatdaky 9-njy awtogoldyr. Fransiýanyň ýygyndysy uly ýaryşlarda Belgiýa bilen geçiren 5-nji duşuşygynda-da ýeňiş gazandy. Soňky 14 oýunda Fransiýany diňe 1 gezek ýeňen Belgiýa ýene bir uly ýaryşy ir tamamlady.



**Ronaldonyň gözýaşlary we Diogo Koştanyň erjelligi**

Frankfurt şäherinde geçirilen 1/8 final duşuşygynda Portugaliýa bilen ilkinji gezek toparçalardan çykan Sloweniýanyň ýygyndysy duşuşdy. Portugaliýanyň agdyklyk eden duşuşygynda slowenler garşylyklaýyn hüjümler bilen oýnady. Ýöne 2 tarapa-da esasy wagtda derwezäni sarsdyrmak başartmady. Netijede, goşmaça 30 minut berildi. Şol goşmaça wagtyň ilkinji 15 minutynyň ahyrynda Portugaliýanyň peýdasyna emin Daniele Orsato jerime meýdançasynyň içindäki ak nokady görkezdi. Bu ýaryşda 14 goly bolan Ronaldonyň ýerine ýetiren penaltisini Ýan Oblak sowmagy başardy. Şol pursatda Ronaldo gynanç gözýaşlaryny döküp, topardaşlary ony kynlyk bilen köşeşdirdi.

Galan 15 minutda-da hasap açylmady. 115-nji minutda Şeşko oýna soňky nokady goýup bilerdi. Emma portugaliýaly derwezeçi ýekemeýekä çykan Şeşkonyň urgusyny saklamagy başardy. Oýundan soňky penalti urgulary ýeňijini kesgitlemeli edildi we şeýle netije şu çempionatda ilkinji gezek bolýar. Ronaldo bu gezek penaltini ýalňyşsyz ýerine ýetirdi. Bruno Fernandeş, Bernardo Silwa hem penalti urgularynda ýalňyşlyga ýol bermedi. Ýöne sloweniýaly futbolçylardan penalti uranlaryň 3-si hem topy derwezä girizip bilmedi. Diogo Koşta 3 urgyny hem saklamagyň hötdesinden geldi. Ol çempionatyň çäginde oýundan soňky penaltilerde 3 urgy saklan hem-de gol geçirtmedik ilkinji derwezeçi bolup, adyny taryha ýazdyrdy hem-de duşuşygyň ýyldyzy saýlandy. Portugaliýanyň ýygyndysy Ýewropa çempionatynda çärýek final oýunlarynyň geçirilip başlanyndan bäri, ýagny 1996-njy ýyldan bäri (ondan öň ilki 4, soňra 8 topar gatnaşýardy) 7-nji gezek çärýek finala çykdy.

Sloweniýanyň ýygyndysy çempionatda geçiren 4 duşuşygynda-da esasy wagtda ýeňilmedi, ýöne ýeňmegem başarmady. Mahlasy, Sloweniýa 4 deňme-deňlik bilen çärýek finaldan öň ýaryşdan çykdy.

* * *

EURO 2024-de 1/8 final duşuşyklarynyň soňky gününde çärýek finala çykan 7-nji topar Niderlandlaryň ýygyndysy boldy. Münhendäki «Allianz Arenada» oýnalan duşuşykda Niderlandlaryň ýygyndysy Rumyniýanyň ýygyndysyny ýeňillik bilen utdy. Kodi Gakponyň 20-nji minutdaky owadan goly bilen öňe geçen pyrtykal reňkliler oýnuň ahyrlarynda ýene-de 2 gol saldy. Gollaryň ikisini hem oýna soň goşulan Donýell Malen geçirdi. Ol 83-nji we 90+3-nji minutlarda tapawutlanyp, Ýewropa çempionatynda pleý-off tapgyrynda oýna soň girip, 2 gol geçiren ilkinji niderland futbolçysy boldy. Şunlukda, Niderlandlaryň ýygyndysy 5-nji gezek çärýek finalda oýnar.

**Çempionatyň iň çalt 2-nji goly**

Leipsig şäherindäki «Red Bull Arena»-da oýnalan Awstriýa bilen Türkiýäniň arasyndaky oýna olaryň birinjisi esasy faworit bolup çykdy. Ýöne oýnuň eýýäm 1-nji minuty dolmanka, has takygy, 57-nji sekuntda goragçy Merih Demiral hasaby açdy. Bu çempionatyň taryhyndaky iň çalt 2-nji, pleý-off tapgyrynyň bolsa iň çalt goly hökmünde hasaba alyndy. Duşuşygyň 1-nji ýarymy şol hasap bilenem tamamlandy. Oýnuň 2-nji ýarymynyň ilkinji minutlarynda-da janköýerler 2 goluň şaýady boldular. Olaryň ikisi-de edil 1-nji gol ýaly burçdan urguda derwezä girizildi. Duşuşygyň 59-njy minutynda ýene-de Merih Demiral bu gezek kelle urgusy bilen tapawutlanyp, Türkiýäniň ýygyndysynyň peýdasyna hasaby 2–0-a ýetirdi. Bu goldan 7 minut soň, ýagny 66-njy minutda oýna soň goşulan Gregoriç aratapawudy 1 gola düşürdi. Şondan soňam Awstriýanyň ýygyndysy hasaby deňlemek üçin tagalla baryny etdi. Duşuşygyň iň soňky sekuntlarynda türkiýeli derwezeçi Mert Günok derwezä barýan topy saklap, toparyny goldan halas etdi. Şunlukda, 2-1 hasabynda ýeňiş gazanan Türkiýäniň ýygyndysy 2000-nji we 2008-nji ýyllardan soň 3-nji gezek çärýek finala çykdy. Fransiýadyr Niderlandlar ýaly güýçli ýygyndylardan öňe saýlanyp, toparçasynda 1-nji orny eýelän we bassyr 2-nji gezek 1/8 finala çykan Awstriýanyň ýygyndysy ilkinji sapar çärýek finala çykmak mümkinçiligini ýene bir ýola elden giderdi.

## Çärýek finalda...

Çärýek finalda futbol janköýerlerine finala barabar duşuşyklar garaşýar. Esasanam grafikanyň çep tarapyndaky duşuşyklaryň ikisi-de wagtyndan öňki final oýunlary hasaplanýar. 5-6-njy iýulda oýnaljak çärýek final duşuşyklary 21:00-da hem-de 00:00-da başlanar.




**ISPANIÝA—GERMANIÝA**

Ilkinji 2 çärýek finalçy şu gije belli bolar. 21:00-da Ştutgart şäherindäki «MHPArena» stadionynda ýaryşda 3 çempionlygy bolan 2 ýygyndy — Ispaniýa bilen ýer eýeleri Germaniýa duşuşar. Oýna angliýaly Antoni Teýlor eminlik eder. Bu olaryň özara 27-nji duşuşygy bolar. Mundan öňki 26 oýunda Germaniýa 9, Ispaniýa 8 gezek ýeňiş gazandy. 8 oýun deňlikde tamamlandy. Gollarda 31–30 ispanlar öňde barýar. Olar Ýewropa çempionatynyň çäginde 1984-nji we 1988-nji ýyllarda toparçalarda hem-de 2008-nji ýylda finalda duşuşypdylar. 1-nji oýunda Ispaniýa 1–0 (Maseda 90), 2-nji oýunda Germaniýa 2-0 (Wölller 29, 51) hasaplar bilen ýeňipdi. 2008-nji ýylyň finalynda bolsa ispanlar Fernando Torresiň ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda utup, 2-nji çempionlygyny baýram edipdi.



**PORTUGALIÝA—FRANSIÝA**

Şu gije 00:00-da başlanjak 2-nji çärýek final duşuşygynda Portugaliýa bilen Fransiýanyň ýygyndylary duşuşar. Angliýaly emin Maýkl Oliweriň jürlewük çaljak duşuşygy Hamburg şäherindäki «Volksparkstadion»-da oýnalar. Iki toparyň öňki özara duşuşyklaryna seredenimizde, fransuzlaryň ýeňşi agdyklyk edýär. Şu gijeki oýna çenli 28 gezek duşuşan toparlaryň bu oýunlarynda Fransiýa 19, Portugaliýa 6 gezek ýeňiş gazandy. 3 oýun deňlikde gutaryp, Fransiýanyň 53 goluna portugallar 31 gol bilen jogap berdi. Iki topar Ýewropa çempionatlarynda 4-nji gezek duşuşar. 2000-nji ýylda ýarym finalda Fransiýa goşmaça wagtda Altyn gol bilen 2–1 hasabynda ýeňipdi. 2016-njy ýylda bu gezek finalda duşuşan toparlaryň şol oýnunda Portugaliýa Fransiýany Fransiýada, «Stad de Frans» stadionynda Ederiň 109-njy minutdaky goly bilen 1–0 hasabynda ýeňip, ilkinji çempionlygyny gazanypdy. EURO 2020-de toparçada hem duşuşan Portugaliýa bilen Fransiýanyň şol oýnunda ýeňiş gazanan bolmandy. Duşuşyk 2 ýyldyzyň Ronaldo (31 p, 60 p) hem-de Benzemanyň (45+2 p, 47) garşylykly geçiren gollary esasynda 2–2 hasabynda deňlikde tamamlanypdy.



**ANGLIÝA—ŞWEÝSARIÝA**

6-njy iýulda, ýagny ertir oýnaljak çärýek final oýunlarynyň birinjisinde Angliýa bilen Şweýsariýanyň ýygyndylary duşuşyp, oýna italiýaly Daniele Orsato eminlik eder. 21:00-da başlanjak bu duşuşyk Düsseldorf şäherindäki «Merkur Spiel-Arena» stadionynda geçiriler. Iki topar mundan ozal 27 gezek gabatlaşdylar. Şolarda Angliýa 18, Şweýsariýa 3 gezek ýeňiş gazanyp, 6 oýunda-da ýeňiş gazanan bolmady (59-20 gol). Iki topar yklym ýaryşynda-da 2 gezek duşuşdylar. Şolaryň ikisi hem toparçalarda bolup, 1996-njy ýyldaky oýun 1–1 hasabynda deňlikde tamamlanypdy (Şirer 23 — Türkýylmaz 83 p). 2004-nji ýylda bolsa Angliýa Runi (23, 75) we Jerrardyň (82) gollary bilen 3–0 hasabynda utupdy.

**NIDERLANDLAR—TÜRKIÝE**

6-njy iýulda ýarygijede başlanjak iň soňky çärýek final duşuşygynda-da Niderlandlar bilen Türkiýäniň ýygyndylary özara güýç synanyşarlar. Fransiýaly Klemen Turpeniň eminlik etjek oýny Berlinde geçiriler we bu toparlaryň özara 15-nji duşuşygy bolar. Mundan öňki 14 oýunda niderlandlar 6, türkler 4 gezek ýeňiş gazanyp, 4 oýun hem deňlikde tamamlandy. Niderlandlaryň 21 goluna türkler 14 gol bilen jogap berdi. Iki topar çempionatyň çäginde ilkinji gezek özara duşuşyk geçirerler.

**ŞWEÝSARIÝA — ITALIÝA**

**EURO 2024 – 29.06.2024 – 1/8 final**

**ŞWEÝSARIÝA (3–4–3):** Sommer — Şer, Akanži, Rodriges — Ebişer (Steffen 90+2), Froýler, Džaka (k), Rider (Stergiu 71) — Wargas (Zuber 71), Embolo (Dua 77), Ndoýe (Sierro 77); ***Tälimçi:*** Murat Ýakin

**ITALIÝA (4–3–3):** Donnarumma (k) — Di Lorenzo, Mançini, Bastoni, Darmian (Kambiasso 74) — Kristante (Pellegrini 74), Fajoli (Frattezi 86), Barella (Retegui 64) — Kieza, Skamakka, El-Şaarawi (Zakkanýi 46); ***Tälimçi:*** Luçano Spalletti

**GOL:** Froýler 37, Wargas 46; **SARY KART:** Mançini, Barella, El-Şaarawi; **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Ruben Wargas (Şweýsariýa); **EMIN:** Şimon Marçiniak (Polşa); **STADION (TOMAŞAÇY):** «Olympiastadion», Berlin — 68 172

**2–0**

**GERMANIÝA — DANIÝA**

**EURO 2024 – 29.06.2024 – 1/8 final**

**GERMANIÝA (4–2–3–1):** Noýer — Kimmih, Rüdiger, Şlotterbek, Raum (Henriks 81) — Andrih (Jan 64), Kroos — Sane (Anton 88), Gündogan (k) (Füllkrug 64), Musiala (Wirts 81) — Hawerts; ***Tälimçi:*** Ýulian Nagelsmann

**DANIÝA (3–4–2-1):** Şmeýhel (k) — Andersen, Westergor, Kristensen (Bruun Larsen 81) — Ba (Kristiansen 81), Delani (Norgor 69), Hýoýberg, Mele — Eriksen, Skow Olsen (Poulsen 69) — Hýoýlunn (Wind 81); ***Tälimçi:*** Kasper Ýulmann

**GOL:** Hawerts 53 (p), Musiala 68; **SARY KART:** Nagelsmann — Andersen, Mele, Ýulmann; **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Antonio Rüdiger (Germaniýa); **EMIN:** Maýkl Oliwer (Angliýa); **STADION (TOMAŞAÇY):** «Westfalenstadion», Dortmund — 61 612

**2–0**



**ANGLIÝA — SLOWAKIÝA**

**EURO 2024 – 30.06.2024 – 1/8 final**

**ANGLIÝA (4–2–3–1):** Pikford — Wolker, Stounz, Gehi, Trippier (Palmer 66) — Mainu (Eze 84), Raýs — Saka, Bellingam (Konsa 106), Foden (Touni 90+4) — Keýn (k) (Gallaher 106); ***Tälimçi:*** Garet Sautgeýt

**SLOWAKIÝA (4–3–3):** Dubrawka — Pekarik (Tupta 109), Wawro, Şkriniar (k), Hansko — Kuska (Bero 81), Lobotka, Duda (Benes 81) — Şrans (Dýumber 90+3), Streles (Boženik 61), Haraslin (Suslow 61); ***Tälimçi:*** Françesko Kalzona

**GOL:** Bellingam 90+5, Keýn 91 — Şrans 25; **SARY KART:** Gehi, Mainu, Bellingam — Pekarik, Wawro, Şkriniar, Kuska, Suslow, Dýumber; **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Jud Bellingam (Angliýa); **EMIN:** Halil Umut Meler (Türkiýe); **STADION (TOMAŞAÇY):** «Arena AufSchalke», Gelzenkirhen — 47 244

**2–1 (g.w.)**

**ISPANIÝA — GRUZIÝA**

**EURO 2024 – 30.06.2024 – 1/8 final**

**ISPANIÝA (4–3–3):** Unai Simon — Karwahal (Nawas 81), Le Norman, Laport, Kukurelýa (Grimaldo 66) — Pedri (Olmo 52), Rodri, Fabian Ruiz (Merino 81) — Ýamal, Morata (k) (Oýarzabal 66), Niko Williams; ***Tälimçi:*** Luis de la Fuente

**GRUZIÝA (5–3–2):** Mamardaşwili — Kakabadze, Gwelesiani (Kwekweskiri 78), Kaşiýa (k), Dwali, Loçoşwili (Sitaişwili 63) — Çakwetadze (Dawitaşwili 63), Kiteişwili (Altunaşwili 41), Koçoraşwili — Mikautadze (Ziwziwadze 78), Kwarasheliýa; ***Tälimçi:*** Willi Sanýol

**GOL:** Rodri 39, Fabian Ruiz 51, Niko Williams 75, Olmo 83 — Le Norman 18 (ö.d.); **SARY KART:** Morata — Dawitaşwili; **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Rodri (Ispaniýa); **EMIN:** Fransua Leteksie (Fransiýa); **STADION (TOMAŞAÇY):** «RheinEnergieStadion», Köln — 42 223

**4–1**

**FRANSIÝA — BELGIÝA**

**EURO 2024 – 01.07.2024 – 1/8 final**

**FRANSIÝA (4–3–3):** Menýan — Kunde, Upamekano, Saliba, Teo Hernandes — Tçuameni, Kante, Rabio — Turam (Kolo Muani 62), Grizmann, Mbappe (k); ***Tälimçi:*** Didie Deşam

**BELGIÝA (4–3–3):** Kastels — Kastanýe (De Ketelaere 88), Fas, Wertongen, Teat — Onana, Karrasko (Lukebakio 88), De Bruýne (k) — Openda (Mangala 64), Lukaku, Doku; ***Tälimçi***: Domeniko Tedesko

**GOL:** Ýan Wertongen 85 (ö.d.); **SARY KART:** Tçuameni, Rabio, Grizmann — Wertongen, Mangala, Tedesko; **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Žul Kunde (Fransiýa); **EMIN:** Glenn Nýuberg (Şwesiýa); **STADION (TOMAŞAÇY):** «Merkur Spiel-Arena», Düsseldorf — 46 810

**1–0**

**PORTUGALIÝA — SLOWENIÝA**

**EURO 2024 – 01.07.2024 – 1/8 final**

**PORTUGALIÝA (4-3-3):** Diogo Koşta — Žoao Kanselo (Semedo 118), Ruben Diaş, Pepe (Ruben Neweş 118), Nuno Mendeş — Bruno Fernandeş, Palinýa, Witinýa (Diogo Žota 65) — Bernardo Silwa, Ronaldo (k), Rafael Leao (Fransişo Konseýsao 76); ***Tälimçi:*** Roberto Martines

**SLOWENIÝA (4-4-2):** Oblak (k) — Karniçnik, Drkuşiç, Biýol, Balkowes — Stoýanowiç (Werbiç 86), Gnezda-Çerin, Elşnik (Iliçiç 116), Mlakar (Goran-Stankowiç 75) — Şporar (Selar 75), Şeşko; ***Tälimçi:*** Matiýaž Kek

**SARY KART:** Kanselo, Martines — Karniçnik, Drkuşiç, Biýol, Balkowes, Selar; **PENALTI:** Ronaldo, B. Fernandeş, B. Silwa; **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Diogo Koşta (Portugaliýa); **EMIN:** Daniele Orsato (Italiýa); **STADION (TOMAŞAÇY):** «Waldstadion», Frankfurt — 46 576

**0–0 (3–0 p)**

**RUMYNIÝA — NIDERLANDLAR**

**EURO 2024 – 02.07.2024 – 1/8 final**

**RUMYNIÝA (4–1–3–1):** Nise — Rasiu, Draguşin, Burke, Mogoş (Rakowisan 38) — M. Marin (Çikyldeu 72) — Man, Stançu (k) (Olaru 88), R. Marin, Haji (Alibek 72) — Draguş (Mihaile 72); ***Tälimçi:*** Edward Iordanesku

**NIDERLANDLAR (4-3-3):** Werbruggen — Dumfris, De Wreý, Wan Deýk (k), Ake (Wan de Wen 69) — Shauten (Werman 69), Simons, Reýnders — Bergwiýn (Malen 46), Depaý (Blind 90'+2), Gakpo (Weghorst 84); ***Tälimçi:*** Ronald Kuman

**GOL:** Gakpo 20, Malen 83, 90+3; **SARY KART:** M. Marin, Stançu — Dumfris, Malen; **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Kodi Gakpo (Niderlandlar); **EMIN:** Feliks Zwaýer (Germaniýa); **STADION (TOMAŞAÇY):** «Allianz Arena», Münhen — 65 012

**0–3**

**AWSTRIÝA — TÜRKIÝE**

**EURO 2024 – 02.07.2024 – 1/8 final**

**AWSTRIÝA (4–2–3–1):** Pents — Poş, Danso, Linhart (Wöber 64), Mwene (Prass 46) — Seiwald, Sabitser — Laimer (Grilliç 64), Baumgartner, Şmid (Gregoriç 46) — Arnautowiç (k); ***Tälimçi:*** Ralf Rangnik

**TÜRKIÝE (4–2–3–1):** Günok — Mert Müldür, Bardakçy, Merih Demiral, Kadyoglu — Ýüksek (Salih Özjan 58), Kaan Aýhan (k) — Baryş Ýylmaz, Kökçü (I. Kahweji 83), Ýyldyz (Aktürkoglu 78) — Arda Güler (Ýokuşlu 78); ***Tälimçi:*** Winçenzo Montella

**GOL:** Gregoriç 66 — Merih Demiral 1, 59; **SARY KART:** Linhart, Şmid — Ýüksek, Kökçü; **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Merih Demiral (Türkiýe); **EMIN:** Artur Soareş Diaş (Portugaliýa); **STADION (TOMAŞAÇY):** «Red Bull Arena», Leipsig — 38 305

**1–2**

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# Kopa Amerikada toparçalardaky duşuşyklar tamamlandy

**ABŞ-da dowam edýän 48-nji Kopa Amerika çempionatynda toparçadaky duşuşyklar tamamlanyp, çärýek finala çykanlar belli boldy. Ýaryşy guraýjy ABŞ-nyň, şol sanda Meksikanyň çärýek finala çykyp bilmän, olaryň ornuna Wenesueladyr Panamanyň ýaryşy dowam etmegi köpleri geň galdyrdy.**

### ARGENTINALY TÄLIMÇILERIŇ USSATLYGY

● Toparçalarynda 1-nji orny eýeläp, çärýek finala çykan 4 ýygyndynyň hem tälimçisiniň argentinaly bolmagy aýratyn bellenmäge mynasypdyr. Şeýle statistika çempionatyň taryhynda ilkinji gezek bellige alyndy. Umumylykda gatnaşýan 16 ýygyndynyň 7-siniň tälimçis argentinaly bolup, şolaryň dördüsi toparyny çärýek finala çykardy. Olar Lionel Skaloni (Argentina), Fernando Batista (Wenesuela), Marselo Bielsa (Urugwaý) hem-de Nestor Lorenzo (Kolumbiýa) dagydyr. Toparçalardan çykyp bilmedik Kosta Rikanyň (Gustawo Alfaro), Çiliniň (Rikardo Kareka) hem-de Paragwaýyň (Daniel Garnero) ýygyndylarynyň tälimçileri-de argentinaly hünärmenlerdir. Çempionata Braziliýadan (Doriwal Junior – Braziliýa, Antonio Karlos Zago — Boliwiýa), Ispaniýadan (Tomas Kristiansen — Panama, Feliks Sançes — Ekwador) hem-de ABŞ-dan (Gregg Berhalter — ABŞ, Jessi Març — Kanada) 2, Islandiýadan (Heimir Hallgrimsson – Ýamaýka), Meksikadyr (Haýme Lozano — Meksika) Urugwaýdan (Horge Fossati — Peru) 1 tälimçi wekilçilik etdi.













### LAUTARA MARTINES TOPARYNY ÇÄRÝEK FINALA ÇYKARDY

● «A» toparçada Argentinanyň ýygyndysy 3-nji duşuşygynda Perunyň ýygyndysyny Lautara Martinesiň gollary esasynda 2-0 hasabynda ýeňip, ýeňlişsiz, hatda, ýeke gol hem geçirtmezden çärýek finala çykdy. Toparyň geçiren 5 golunyň 4-sini Lautara Martines öz adyna ýazdyryp, ol bu babatda çempionatyň iň köp gol geçirenleriniň sanawynda 1-nji orny eýeleýär. Çili bilen golsuz deňme-deň oýnan Kanadanyň ýygyndysy ilkinji gezek gatnaşýan ýaryşynda göreşi dowam etdirer.



«B» toparçada ilkinji 2 duşuşygynda ýeňiş gazanan Wenesuelanyň ýygyndysy 3-nji oýunda-da 3 utuk almagy başardy. Ýamaýkanyň ýygyndysynyň derwezesinden jogapsyz 3 gol girizen wenesuelalylar bu ýaryşyň taryhynda ilkinji sapar 3 oýunda-da ýeňiş gazandy. Meksika bilen golsuz deňme-deň oýnan Ekwador çärýek finala çykan 2-nji topar boldy.

### ÝER EÝELERI ÝARYŞDAN GALDY

● «C» toparçada ýer eýeleri ABŞ-nyň ýygyndysy Boliwiýany 2-0 hasabynda ýeňip, ýaryşa şowly başlan hem bolsa, soňlugy bilen, bäsleşikden garaşylyşyndan ir çykdy. ABŞ-nyň ýygyndysy oýnuň agramly bölegini bir oýunçy kem oýnan duşuşygynda Panamadan 2–1 hasabynda asgyn geldi. ABŞ-nyň milli topary 3-nji oýunda-da Urugwaýdan Oliweranyň ýeke-täk goly esasynda utulyp, özlerinde geçirilýän ýaryş bilen wagtyndan ir hoşlaşdy. Toparçada Urugwaýyň ýygyndysy ABŞ-dan öňem Boliwiýanyň derwezesinden jogapsyz 5 gol girizdi. Urugwaý 9 utuk bilen toparçada 1-nji orny eýeledi. 6 utuk toplan Panamanyň ýygyndysy ilkinji gezek gatnaşýan ýaryşynda iň gowy 8 toparyň arasyna goşuldy.

«D» toparçada Braziliýanyň ýygyndysy 1-nji duşuşygynda Kosta Rika bilen golsuz deňme-deň oýnapdy. Braziliýanyň ýygyndysy 2-nji aýlawda Winisius Junioryň 2 gol geçiren oýnunda Paragwaýdan 4–1 hasabynda üstün çykdy. Bu oýunda brazilleriň beýleki gollaryny Sawio bilen Lukas Paketa (p) derwezä girizdi. Kolumbiýanyň ýygyndysy 2-nji duşuşygynda Kosta Rikanyň ýygyndysyny Diaz, Sançes, Kordobanyň gollary esasynda 3–0 hasabynda ýeňdi. Toparçalardaky 3-nji duşuşyklarda Braziliýanyň ýygyndysy bilen Kolumbiýanyň ýygyndysynyň arasyndaky oýun Rafinýa hem-de Munýosyň garşylykly geçiren gollary esasynda 1–1 hasabynda deňme-deň tamamlandy. Kosta Rika bolsa Paragwaýy 2–1 hasap bilen ýeňlişe sezewar etdi. Netijede, Kolumbiýanyň ýygyndysy 7, Braziliýanyň ýygyndysy-da 5 utuk bilen çärýek finalçy boldy.



### ÇEMPIONLYGYŇ IKI DALAŞGÄRI ÇÄRÝEK FINALDA DUŞUŞAR

● Çärýek finalda 5-nji iýulda Argentina bilen Ekwadoryň (06:00), 6-njy iýulda Wenesuela bilen Kanadanyň (06:00), 7-nji iýulda-da Kolumbiýa bilen Panamanyň (03:00) hem-de çempionlygyň 2 esasy dalaşgäri Urugwaý bilen Braziliýanyň (06:00) ýygyndylary duşuşarlar. Duşuşyklar Aşgabat wagty bilen daňdan oýnalar. Çärýek finalyň iň esasy duşuşygy Urugwaý bilen Braziliýanyň arasyndaky oýun hasaplanýar. Nobatdaky oýun olaryň özara 80-nji duşuşygy bolar. Iki toparyň mundan öňki 79 duşuşygynda Braziliýa 38, Urugwaý 21 gezek ýeňiş gazandy. 20 oýun deňlikde tamamlanyp, braziller 142, urugwaýlylar 100 gol geçirdi.

Ýarym final duşuşyklary 10-11-nji iýulda, 3-nji ýer üçin duşuşyk 14-nji iýulda, final duşuşygy bolsa 15-nji iýulda ir säher wagty oýnalar.

«A» TOPARÇA: **Argentina—Peru: 2–0** (Lautara Martines 47, 86), **Kanada—Çili: 0–0**

«B» TOPARÇA: **Meksika—Ekwador: 0–0, Ýamaýka— Wenesuela: 0–3** (Belýo 49, Rondon 56, Ramires 85)

«C» TOPARÇA: **Panama—ABŞ: 2–1** (Bläkmän 26, Fahardo 83 — Balogun 22), **Urugwaý—Boliwiýa: 5–0** (Pellistri 8, Nunýes 21, M. Arauho 77, Walwerde 81, Bentankur 89), **ABŞ—Urugwaý: 0–1** (M. Oliwera 66), **Boliwiýa—Panama: 1–3** (Miranda 69 — Fahardo 22, Gerrero 79, Ýanis 90+1)

«D» TOPARÇA: **Kolumbiýa—Kosta Rika: 3–0** (Diaz 31 p, Sançes 59, Kordoba 62), **Paragwaý—Braziliýa: 1–4** (Alderete 48 — Winisius Junior 35, 45+5, Sawio 43, Paketa 65 p), **Braziliýa—Kolumbiýa: 1–1** (Rafinýa 12 — Munýos 45+2), **Kosta Rika—Paragwaý: 2–1** (Kalwo 3, Alkoser 7 — Sosa 55)

| Or. | «A» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARGENTINA | 3 | 3 | 0 | 0 | 5-0 | 9 |
| 2 | KANADA | 3 | 1 | 1 | 1 | 1-2 | 4 |
| 3 | ÇILI | 3 | 0 | 2 | 1 | 0-1 | 2 |
| 4 | PERU | 3 | 0 | 1 | 2 | 0-3 | 1 |

| Or. | «C» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | URUGWAÝ | 3 | 3 | 0 | 0 | 9-1 | 9 |
| 2 | PANAMA | 3 | 2 | 0 | 1 | 6-5 | 6 |
| 3 | ABŞ | 3 | 1 | 0 | 2 | 3-3 | 3 |
| 4 | BOLIWIÝA | 3 | 0 | 0 | 3 | 1-10 | 0 |

| Or. | «B» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | WENESUELA | 3 | 3 | 0 | 0 | 6-1 | 9 |
| 2 | EKWADOR | 3 | 1 | 1 | 1 | 4-3 | 4 |
| 3 | MEKSIKA | 3 | 1 | 1 | 1 | 1-1 | 4 |
| 4 | ÝAMAÝKA | 3 | 0 | 0 | 3 | 1-7 | 0 |

| Or. | «D» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | KOLUMBIÝA | 3 | 2 | 1 | 0 | 6-2 | 7 |
| 2 | BRAZILIÝA | 3 | 1 | 2 | 0 | 5-2 | 5 |
| 3 | KOSTA RIKA | 3 | 1 | 1 | 1 | 2-4 | 4 |
| 4 | PARAGWAÝ | 3 | 0 | 0 | 3 | 3-8 | 0 |



## 3-nji saýlama tapgyryň bijeleri çekildi

Ýene-de 2 ýyldan, has takygy, 2026-njy ýylda ABŞ, Kanada hem-de Meksikada geçiriljek 23-nji FIFA Dünýä Kubogynyň Aziýa zolagynda 3-nji saýlama tapgyryň bijeleri çekildi. 2-nji tapgyrda şowly çykyş eden 18 ýygyndy 3-nji tapgyrda 3 toparça paýlandy. Her toparçada 6 topar bolup, olaryň hersinden 2 ýygyndy Dünýä Kubogyna gatnaşar. 3–4-nji orunlary eýelänler 4-nji saýlama tapgyra gatnaşar. 4-nji tapgyrda-da 6 ýygyndy 2 toparça bölüner we her toparçanyň ýeňijisi Dünýä Kubogy 2026-nyň wekili bolar. 4-nji tapgyryň toparçalarynda 2-nji ýeri alanlar pleý-off oýnuny oýnar we ýeňiş gazanan ýygyndy başga bir yklymyň wekili bilen duşuşar. Mahlasy, Aziýadan azyndan 8 ýygyndy gatnaşar we 9-njy ýygyndy bolsa yklymlararasy pleý-off duşuşygyndan soň gatnaşmak hukugyny gazanyp biler.

Aziýa zolagynyň 3-nji saýlama tapgyrynyň duşuşyklary – 1-6-njy duşuşyklar şu ýylyň güýzünde (5-nji, 10-njy sentýabr, 10-njy, 15-nji oktýabr, 14-nji, 19-njy noýabr), galan 4 duşuşyk bolsa geljek ýylyň mart (20-nji, 25-nji mart) hem-de iýun (5-nji, 10-njy iýun) aýlarynda geçiriler. Bijä laýyklykda, «A» toparçada Eýranyň, Kataryň, Özbegistanyň, BAE-niň, Gyrgyzystanyň, Demirgazyk Koreýanyň, «B» toparçada Günorta Koreýanyň, Yragyň, Iordaniýanyň, Omanyň, Palestinanyň, Kuweýtiň, «C» toparçada Ýaponiýanyň, Awstraliýanyň, Saud Arabystanynyň, Bahreýniň, Hytaýyň hem-de Indoneziýanyň ýygyndylary duşuşarlar.






## Naço hem-de Hoselu «Real Madridden» gitdi

● «Real Madrid» toparynyň geçen möwsümdäki çempionlyklaryna uly goşant goşan 2 oýunçy – kapitan Naço Fernandes bilen hüjümçi Hoselu arap klublarynyň düzümine goşuldy. Madriddäki 23 ýyllyk başdangeçirmesini tamamlan 34 ýaşyndaky Naço 2-nji ligadan Saud Arabystanynyň ýokary ligasyna dolanan «Al-Kadsia» topary bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. Naço «Real Madridde» professional karýerasy boýunça 6-sy Çempionlar Ligasy bolan jemi 26 kubok gazandy. Naço soňky 4 ýylda «Real Madridi» terk eden toparyň 4-nji kapitany boldy. 2021-nji ýylda Serhio Ramos, 2022-nji ýylda Marselo hem-de 2023-nji ýylda Karim Benzema «Real Madriddäki» karýeralaryny tamamlapdylar.

Geçen möwsümi «Real Madridde» kärendesine geçiren Hoselu Kataryň «Al-Garafa» toparyna transfer boldy. Ol katarlylar bilen 2+1 ýyllyk şertnama baglaşdy. Geçen möwsümde «Realda» 49 oýunda 17 gol geçiren Hoseluny madridliler «Espanýoldan» 1,5 million ýewro berip, ymykly transfer eden gününiň ertiri arap klubuna ugratdy.







## «Ýuwentus» 1 oýunçy alyp, 2 oýunçy ugratdy

● Italiýanyň «Ýuwentus» topary «Aston Willadan» braziliýaly 26 ýaşyndaky ýarymgoragçy Duglas Luizi 50 million ýewro transfer etdi. Turinliler Luiz bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. «Ýuwentus» kluby Duglas Luiziň transferiniň bir bölegini pul hökmünde berse, galan bölegine derek 2 futbolçysyny «Aston Willa» toparyna ugratdy. Italýan toparyndan ýarymgoragçylar — angliýaly 20 ýaşly Samuel Aýling Junior (14+3 million ýewro) hem-de 23 ýaşyndaky argentinaly Enzo Barrençea (8+3 million ýewro) «Aston Willa» transfer boldy.

Şeýle-de, «Aston Willa» topary «Çelsiden» çep gyraky goragçy Ian Maatseni transfer etdi. «Aston Willa» topary bu transfer üçin londonlylara 37,5 million funt sterling (44,5 million ýewro) tölär. Birmingemliler 22 ýaşyndaky oýunçy bilen 6 ýyllyk şertnama baglaşdy. Maatsen geçen möwsümiň 2-nji ýarymyny «Borussiýa Dortmundda» kärendesine geçirip, ol nemes klubunda 23 duşuşyk oýnady (3 gol).

# ÜÇ ÝARYŞDA SOŇKY TAPGYRYŇ ÝEŇIŞ GAZANAN SÜRÜJILERI

● Formula 1 boýunça möwsümiň 11-nji ýaryşy Awstriýanyň Spilberg şäherinde geçirildi. 4,3 kilometrlik «Red Bull» trassasynda geçirilen ýaryşda ýer eýelerine – «Red Bull» toparyna ýeňiş gazanmak başartmady. 71 aýlawdan ybarat ýaryşda 3-nji orundan bat alan «Mercedes» toparynyň britan sürüjisi Jorj Rassell ýeňiş gazandy. Ol niderland sürüji Maks Werstappen («Red Bull») bilen britaniýaly Lando Norrisiň («McLaren») arasyndaky çaknyşykdan ýerlikli peýdalanyp, ýaryşy 1 sagat 24 minut 22 sekuntda tamamlap, F1 karýerasyndaky 2-nji ýeňşini baýram etdi. Ýeňijiden 1,906 sekunt yza galan «McLaren» toparynyň awstraliýaly piloty Oskar Piastri 2-nji, «Ferrari» toparynyň ispan sürüjisi Karlos Saýns Junior «Gran Priniň» ýeňijisinden 4,533 sekunt soň pellehana gelip, 3-nji orny eýeledi. Ýeňijiniň topardaşy, britaniýaly meşhur sürüji Lýuwis Hamiltonyň 4-nji bolan ýaryşynda sprint bäsleşiginde ýeňiş gazanan we esasy ýaryşa ilkinji hatardan bat alan Maks Werstappen çaknyşyk zerarly 10 sekuntlyk jerime aldy we Awstriýa «Gran Prisini» 5-nji bolup tamamlamagy başardy.




Geçirilen 11-nji ýaryşdan soň Maks Werstappen 237 utuk bilen sanawyň başyny çekmegini dowam edýär. 2-nji ýerdäki Norrisiň 156, 3-nji orundaky Şarl Lekleriň 150 utugy bar.

Möwsümiň 12-nji ýaryşy 7-nji iýulda Beýik Britaniýanyň Silwerstoun şäherçesinde geçiriler.

* * *

● Moto GP boýunça möwsümiň 8-nji ýaryşy Niderlandlaryň Assen şäherinde geçirildi. 26 aýlawdan ybarat ýaryşda «Ducati Lenovo» toparynyň italýan sürüjisi Françesko Banaia ýeňiji boldy. Ol ýaryşy başlaýşy ýaly tamamlap, 40 minut 7,214 sekuntda pellehana geldi. Bu onuň şu möwsümdäki 5-nji, karýerasyndaky 23-nji ýeňşidir. Ol sprint ýaryşynda-da ýeňiş gazanyp, bu «Gran Prini» 37 utuk bilen tamamlamagy başardy.



«Prima Pramac Ducati» toparynyň ispan sürüjisi Horge Martin ýeňijiden 3,676 sekunt yza galyp, 2-nji orny eýeledi. «Ducati Lenovo» toparynyň başga bir italýan sürüjisi Enea Bastianini topardaşyndan 7,073 sekunt soň pellehanadan geçdi we ýeňiş münberiniň 3-nji basgançagyna çykdy.

Moto GP-de ilkinji 8 ýaryşyň netijesinde, sürüjileriň arasynda Horge Martin bilen Françesko Banaianyň arasynda çempionlyk göreşi ýokary depginde dowam edýär. Martin 200 utuk bilen sanawda 1-nji orunda barýar. Ondan 10 utugy az Banaia 2-nji ýeri eýeleýär. 3-nji basgançakdaky Mark Markesiň 149 utugy bar.

Moto GP boýunça möwsümiň 9-njy «Gran Prisi» 7-nji iýulda Germaniýanyň Zaksenring şäherinde geçiriler.

* * *

● Dünýä Ralli çempionatynyň möwsümdäki 7-nji ýaryşy Polşada geçirildi. Ýurduň Mikolaýki şäherinde geçirilen 19 tapgyrdan ybarat 304,1 kilometrlik ýaryşda «Toyota Gazoo» toparynyň finlýandiýaly sürüjisi Kalle Rowanpera ýeňiş gazandy. Ol 2 sagat 33 minut 7,6 sekuntda pellehana geldi. Bu soňky 2 ýylyň çempionynyň şu möwsümdäki 2-nji, karýerasyndaky 13-nji ýeňşidir. Finlýandiýaly sürüjiniň britaniýaly topardaşy Elfin Ewans 2 sagat 33 minut 35,9 sekuntda ýaryşy tamamlap, 2-nji orna mynasyp boldy. «M-Sport Ford» toparynyň fransiýaly piloty Adrien Furmo ýeňijiden 42,7 sekunt giç pellehana gelip, 3-nji orny eýeledi. Umumy sanawyň lideri, «Hyundai Shell Mobis» toparynyň belgiýaly sürüjisi Tierri Noýwill ýaryşy 4-nji bolup tamamlady.



Sürüjileriň sanawynda Tierri Noýwill 136 utuk bilen 1-nji orunda barýar. 2-nji basgançakdaky Elfin Ewansyň 121 utugy bar. Ott Tanak 7 ýaryşda 115 utuk toplamagy başardy.

Indiki ýaryş 18-21-nji iýul aralygynda Latwiýada geçiriler.

TÜRKMENISTANYŇ «TÜRKMENISTAN» DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY

«Maşgala» bank karty atly bank hyzmatyny hödürleýär

«Maşgala» bank karty müşderiniň «Altyn Asyr» bank kartynyň hasabynda bar bolan serişdelerden peýdalanmaga mümkinçilik berip, maşgala agzalaryna, şol sanda hem 7 ýaşdan uly çagalaryna:

– ýurdumyzyň çäginde başga şähere dynç almaga we syýahatçylyk maksatlary bilen gidenlerinde pul serişdeleri bilen üpjün etmek üçin;

– çagalara we talyplara gerekli okuw esbaplaryny we beýleki harytlary satyn almak üçin;

– maşgala agzalaryna gündelik çykdajylaryny tölemek üçin hem-de nagt däl hasaplaşyklaryň, «Internet bank» we «Mobil bank» hyzmatlarynyň hödürleýän dürli amatlyklaryndan, şol sanda gije-gündiz tertibinde bank kartynyň galyndysyny bilmek, karzlaryň göterimini we esasy bergisini tölemek, telefon, öýjükli telefon, IP telewideniýäniň we internetiň hasabyny doldurmak ýaly amallardan peýdalanmak üçin şert döredýär.

**Maşgala bank kartlaryny ulanmak her bir raýat üçin amatlydyr we ygtybarlydyr!**

Maşgala bank kartyny açmak üçin «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň Merkezi edarasyna ýa-da şahamçalaryna ýüz tutup bilersiňiz.



Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň Merkezi edarasy boýunça habarlaşmak üçin telefon belgisi:

**44-03-04**

Şahamçalaryň salgylary we telefon belgileri bankyň resmi saýtynda görkezilen: *www.tnbk.tm*

